TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– HÄZIRKI DÖWÜRDE HALKARA GATNAŞYKLARYŇ HAS-DA ÖSMEGINE, ÝURDUMYZYŇ DÜNÝÄ GIŇIŞLIGINDÄKI ABRAÝYNYŇ ÝOKARLANMAGYNA GÖNÜKDIRILEN PARAHATÇYLYK SÖÝÜJILIKLI, YNSANPERWER DAŞARY SYÝASATYMYZ ULGAMLAÝYN ESASDA DURMUŞA GEÇIRILÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
21-nji noýabr, 2025. Belgisi 47/1665

# DOSTLUK WE HOŞNIÝETLI GOŇŞUÇYLYK DÄPLERINE EÝERIP



Hormatly Prezidentimiziň Özbegistan Respublikasyna döwlet sapary türkmen we özbek halklarynyň dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk, birek-biregi goldamak däplerine esaslanýan, strategik hyzmatdaşlyk häsiýetine eýe bolan netijeli ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmegiň ýolunda möhüm ädimdir.

Häzirki wagtda Türkmenistan hem-de Özbegistan syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer we beýleki ulgamlarda hyzmatdaşlygyň baý many-mazmunly gün tertibini kemala getirdiler. Bilelikdäki tagallalaryň netijesinde özara hyzmatdaşlyk depginli ösüşi bilen tapawutlanýar.

«Kuksaroý» köşgünde geçirilen gepleşikler tamamlanandan soňra, döwlet Baştutanlary sanly ulgam arkaly Türkmen-özbek serhetýaka zolagynda gurlan söwda merkeziniň açylyş dabarasyna gatnaşdylar.

Täze desgany Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň buýurmasy esasynda ýurdumyzyň Alyjylar jemgyýetleriniň birleşikleriniň merkezi dolandyryş edarasynyň abatlaýyş-gurluşyk bölüminiň düzümleri öz wagtynda we ýokary hil derejesinde bina etdiler. Söwda merkeziniň umumy tutýan meýdany 3 gektara barabardyr. Bu ýerde söwda dükanlarynyň 37-si, naharhanalaryň 2-si, ammarlaryň 15-si guruldy.

Soňky ýyllarda iki ýurduň sebitleriniň, şol sanda Türkmenistanyň Daşoguz welaýatynyň hem-de Özbegistan Respublikasynyň Horezm welaýatynyň arasynda göni gatnaşyklar has işjeňleşdirildi. Türkmen-özbek serhetýaka söwda merkezini döretmek hem-de onuň işini düzgünleşdirmek hakynda hökümetara Ylalaşyga laýyklykda, 2022-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda – özbek Lideriniň ýurdumyza resmi saparynyň çäklerinde bu merkeziň gurluşygyna badalga berlipdi. Bu wajyp taslamanyň durmuşa geçirilmegi haryt dolanyşygyny artdyrmak, maýa goýumlary çekmek, iki ýurduň telekeçileriniň we hojalygy ýöredýän subýektleriniň arasynda özara tejribe alyşmak hem-de gatnaşyklary has-da pugtalandyrmak üçin giň mümkinçilikleri açýar.

Şeýle-de ýurtlarymyzyň arasyndaky dostlugy, özara ynanyşmagy, strategik hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda bitiren hyzmatlary üçin hormatly Prezidentimizi Özbegistan Respublikasynyň ýokary döwlet sylagy – «Ýokary derejeli dostluk» (Oliý Darajali Dustlik) ordeni bilen sylaglamak dabarasy hem boldy.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew döwlet Baştutanymyza bu ýokary sylagy gowşuryp, däp bolan türkmen-özbek dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny, strategik hyzmatdaşlygy berkitmekde hormatly Prezidentimiziň şahsy goşandyny belledi. Özbek Lideriniň gol çeken Permanyna laýyklykda, Arkadagly Gahryman Serdarymyz Özbegistan bilen Türkmenistanyň arasyndaky berk dostluk gatnaşyklaryny, hoşniýetli goňşuçylygy we strategik hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda, döwletara gatnaşyklary hemmetaraplaýyn ösdürmekde, söwdada, senagatda, ulag ulgamynda, energetikada, oba hojalygynda, ylymda, bilimde, sportda, ynsanperwer ulgamda köptaraply, uzak möhletli hyzmatdaşlygy yzygiderli giňeltmekde bitiren ägirt uly taryhy hyzmatlary, doganlyk halklarymyzyň mundan beýläk-de ýakynlaşmagyna, jebisleşmegine, gadymy taryhy, milli gymmatlyklary, däp-dessurlary aýawly saklamaga, medeniýet we sungat ugurlarynda gatnaşyklary ilerletmäge, ählumumy durnuklylygy, özara ynanyşmak ýagdaýyny, sebitde hyzmatdaşlygy we ylalaşyklylygy berkitmäge goşan ägirt uly goşandy üçin bu abraýly sylaga mynasyp boldy.

### DÜRLI UGURLARA DEGIŞLI MÖHÜM RESMINAMALARYŇ ULY TOPLUMYNA GOL ÇEKILDI

Türkmenistanyň Ahal welaýatynyň häkimligi bilen Özbegistan Respublikasynyň Daşkent oblastynyň häkimiýetiniň arasynda söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni-ynsanperwer ugurlarda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyk; Türkmenistanyň Daşoguz welaýatynyň häkimligi bilen Özbegistan Respublikasynyň Garagalpak Respublikasynyň Ministrler Geňeşiniň arasynda söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni-ynsanperwer ugurlarda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyk; Türkmenistanyň Lebap welaýatynyň häkimligi bilen Özbegistan Respublikasynyň Kaşkaderýa oblastynyň häkimiýetiniň arasynda söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni-ynsanperwer ugurlarda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyk; Türkmenistanyň Lebap welaýatynyň häkimligi bilen Özbegistan Respublikasynyň Surhanderýa oblastynyň häkimiýetiniň arasynda söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni-ynsanperwer ugurlarda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyk; Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty bilen Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Strategik we sebitara barlaglar institutynyň arasynda Türkmen-özbek bilermenler geňeşini döretmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty bilen Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Kanunçylyk we hukuk syýasaty institutynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen Özbegistan Respublikasynyň Ýustisiýa ministrliginiň arasynda 2026-2027-nji ýyllarda hyzmatdaşlyk etmegiň Maksatnamasy; Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi bilen Özbegistan Respublikasynyň Medeniýet ministrliginiň arasynda 2026-2027-nji ýyllarda medeniýet babatda hyzmatdaşlyk etmegiň Maksatnamasy; biologik howpsuzlygy üpjün etmek meseleleri boýunça Türkmenistanyň Hökümeti bilen Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda saglygy goraýyş we lukmançylyk ylymlary babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyk; halkara awtomobil ýolagçy we ýük gatnawy hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky 1996-njy ýylyň 16-njy ýanwaryndaky Ylalaşyga goşmaçalary we üýtgetmeleri girizmek hakynda Teswirnama; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda nebit önümlerini we himiki suwuk ýükleri daşamak üçin demir ýol wagonlaryny üpjün etmek babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda oba hojalygy babatda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek hakynda Ylalaşyk; Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen Özbegistan Respublikasynyň Ekologiýa, daşky gurşawy goramak we howanyň üýtgemegi ministrliginiň arasynda 2026 – 2030-njy ýyllarda tokaý hojalygy babatda hyzmatdaşlyk etmegiň «Ýol kartasy»; 2013-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Hökümeti bilen Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we olaryň netijelerini ýok etmek babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyga goşmaçalar girizmek hakynda Teswirnama; Türkmen-özbek serhetýaka söwda zolagynyň işi hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Şertnama bar.

**16-17-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Özbegistan Respublikasyna döwlet saparyny amala aşyrdy. Döwlet saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň ýedinji konsultatiw duşuşygyna gatnaşdy we Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew bilen ýokary derejeli gepleşikler geçirdi.**

Şeýle-de Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow we Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Bilelikdäki Beýannama gol çekdiler.

Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiziň şu gezekki döwlet sapary Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň taryhynda möhüm tapgyr bolup, onuň dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk we strategik häsiýete eýedigini tassyklady. Saparyň dowamynda dürli ulgamlarda gazanylan ylalaşyklar, şeýle-de Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň ýedinji konsultatiw duşuşygynda hormatly Prezidentimiziň öňe süren teklipleri ikitaraplaýyn hem-de sebit hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de çuňlaşdyrmak üçin berk binýady döretmäge gönükdirilendir. Bu döwlet sapary diňe bir Türkmenistan bilen Özbegistanyň arasyndaky gatnaşyklary pugtalandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, tutuş Merkezi Aziýa sebitinde durnuklylygy, abadançylygy üpjün etmäge hem uly goşant goşup, ýurdumyzyň özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de dowam etdirmäge ygrarlydygyny aýdyň görkezdi.

## ŞANLY SENÄ TAÝÝARLYK GÖRÜLÝÄR



**Häzirki wagtda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy hem-de ýurdumyzyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli çäreleri iň ýokary derejede geçirmek boýunça ýurdumyzda degişli işler alnyp barylýar.**

**Baş Assambleýanyň ýokarda agzalan kararnamasynda beýan edilen durnukly hem-de adalatly dünýäni gurmak işinde halkara bileleşiginiň erk-islegini ösdürmek hem-de muňa iş ýüzünde uzak möhletli itergi bermek maksady bilen, Türkmenistan 2025-nji ýylyň 12-nji dekabrynda «Parahatçylyk we ynanyşmak» atly halkara forumy geçirmek barada karar kabul etdi.** ■ 3

## Netijeli hyzmatdaşlyk ösdürilýär

*18-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Katar Döwletiniň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Nasser bin Ahmed Al Taherini kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.*

Diplomat wagt tapyp kabul edendigi üçin hormatly Prezidentimize hoşallyk bildirip, Katarda Türkmenistan bilen dostlukly gatnaşyklara ýokary baha berilýändigini belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, Katar Döwletiniň Emiri Şeýh Tamim bin Hamad Al Taniniň döwlet Baştutanymyza we Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny ýetirdi. Dostlukly ýurduň doly ygtyýarly wekili hormatly Prezidentimizi ýakynda Özbegistana amala aşyran döwlet saparynyň çäklerinde Özbegistan Respublikasynyň ýokary döwlet sylagy – «Ýokary derejeli dostluk» ordeni bilen sylaglanylmagy mynasybetli tüýs ýürekden gutlady.

Döwlet Baştutanymyz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Nasser bin Ahmed Al Taherini ýokary diplomatik wezipä bellenilmegi bilen gutlady hem-de oňa iki ýurduň arasynda netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek ugrunda alyp barjak işinde uly üstünlikleri arzuw etdi. Hormatly Prezidentimiz Emir Şeýh Tamim bin Hamad Al Tanä iň gowy arzuwlaryny beýan edip, Türkmenistanyň Katar bilen köptaraply hyzmatdaşlygy berkitmäge möhüm ähmiýet berýändigini nygtady.



Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda Türkmenistan bilen Katar Döwletiniň arasyndaky däp bolan dost-doganlyk gatnaşyklary özara düşünişmegiň, ýakyn hyzmatdaşlygyň ýokary derejesi bilen tapawutlanýar. Ýurdumyz bu gatnaşyklary mundan beýläk-de uzak möhletleýin esasda pugtalandyrmagy hem-de täze derejä çykarmagy maksat edinýär. Iki döwletiň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlan wagtyndan bäri ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk dürli ugurlarda yzygiderli ösdürilýär. Ýokary derejedäki özara saparlar bolsa ony has-da ilerletmäge ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiz ýurtlarymyzyň ikitaraplaýyn görnüşde hem-de halkara guramalaryň, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde üstünlikli hyzmatdaşlyk edýändigini kanagatlanma bilen belläp, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynda öňe sürýän başlangyçlaryny ilkinjileriň biri bolup goldaýandygy üçin katar tarapyna tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda Türkmenistan bilen Kataryň arasynda söwda-ykdysady gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek üçin ähli mümkinçilikleriň bardygy nygtaldy. Ýangyç-energetika toplumy, söwda, maýa goýum, ulag-aragatnaşyk, himiýa senagaty, dokma we oba hojalyk pudagy, saglygy goraýyş, ýokary tehnologiýalar ulgamlary hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Şunuň bilen baglylykda, hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin bilelikdäki türkmen-katar hökümetara toparynyň mümkinçiliklerinden has netijeli peýdalanmagyň zerurdygyna üns çekildi. Döwlet Baştutanymyz medeni-ynsanperwer ulgamda, türkmen we katar halklarynyň baý taryhy-medeni mirasyny öwrenmek babatda hem giň mümkinçilikleriň bardygyny belledi.

Duşuşygyň ahyrynda Katar Döwletiniň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Nasser bin Ahmed Al Taheri mähirli kabul edilendigi üçin ýene bir gezek hoşallyk bildirip, iki ýurduň arasyndaky däp bolan dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmakda tagallalaryny gaýgyrmajakdygyna ynandyrdy.

## ÝAŞLAR – WATANYŇ DAÝANJY



**Her bir döwletiň durnukly ösüşi, dünýä derejesindäki bäsdeşlige ukyplylygy we jemgyýetiň ykdysady-jemgyýetçilik ösüşi, ilkinji nobatda, ýaşlaryň derejesine, mümkinçiliklerine we ýaşlar üçin döwlet tarapyndan döredilýän şertlere baglydyr. Şonuň üçin güýçli döwletleriň ählisi ýaşlar syýasatyny milli ösüş strategiýasynyň möhüm bölegi hökmünde kabul edýärler. Ýaşlaryň bähbitleriniň goralmagy, olaryň jemgyýetdäki ornunyň pugtalandyrylmagy we mümkinçilikleriniň giňeldilmegi häzirki zaman döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Mälim bolşy ýaly, ýakynda ýurdumyzyň zähmetde, döredijilikde aýratyn tapawutlanan ýaşlaryna Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň gowşurylyş dabarasy geçirildi.** ■ 3

## Iň uly şäherleri birleşdirjek demir ýol



**Sagatda 250 kilometr tizlige ýetmäge ukyply «Velaro» otlusynyň täze görnüşi Müsürde geçirilen sergide ilkinji gezek köpçülige görkezildi.** ■ 4

## Bedeniňizde C witamini ýeterlikmi?!



**C witamini bedeniň esasy zerurlyklarynyň biri hökmünde tapawutlanýar. Immuniteti güýçlendirýän, deriniň täzelenmegine we energiýany ýokarlandyrmaga ýardam edýän C witamini antioksidantlaryň çeşmesi hasaplanýar.** ■ 5

## Fransiýanyň ýygyndysy 17-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar




**«D» toparçada Fransiýanyň ýygyndysy Parižde Ukrainanyň ýygyndysyny 4-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.** ■ 7

## Dünýäniň gymmat köçeleri

«Cushman & Wakefield» maslahat beriş kompaniýasy dünýäde gozgalmaýan emlägiň iň gymmat köçeleriniň sanawyny ýaýratdy. Gozgalmaýan emlägiň bahasy dünýäde 4% artypdyr. Bu ýylky sanawda Londondaky «Bond-strit» köçesi birinji boldy. Lýuks dükanlary bilen meşhurlyk gazanan köçede bir inedördül metriň ýyllyk kärende bahasy 20 müň 482 ýewro deň. Londonyň bu köçesi Milan we Nýu-Ýork şäherlerindäki şa-



ýollardan ilkinji gezek öňe saýlandy. Ikinji ýeri Italiýanyň Milan şäherindäki Montenapoleone köçesi eýeledi. Bu ýerdäki dükanlarda her bir inedördül metr ýeriň bahasy ýyllyk 20 müň ýewro deň. Üçünji ýeri Nýu-Ýorkuň 5-nji şaýolunyň ýokarky bölegi (18 359 ýewro) eýeleýär. Gonkongdaky Çimsaçýoý (13 907 ýewro) dördünji, Parižđäki Şanz Elize (12 519 ýewro) köçesi bäşinji boldy. Tokionyň Ginza (11 538 ýewro), Sýurihiň Banhofştrasse (9 644 ýewro), Sidneýiň Pitt Strit Moll (7 292 ýewro), Seulyň Mýondon (5 997 ýewro) we Wenanyň Kolmarkt (5 520 ýewro) köçeleri ilkinji onluga giripdir.

**Gurbanmuhammet GULMÄMMEDOW,**
*Aşgabat halkara howa menziliniň Migrasiýa gözegçilik nokadynyň harby gullukçysy, leýtenant.*

## Gymmat bahadan satylan kartina

Awstriýaly suratkeş Gustaw Klimtiň «Elizabet Ledereriň portreti» atly suraty ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherinde geçirilen auksionda 236,4 million amerikan dollaryna satyldy. 1914-1916-njy ýyllar aralygynda döredilen suratyň uzynlygy



1,8 metre ýetýär. Kartinada awstriýaly kolleksiýaçy Awgust-Serena Ledererleriň gyzy hytaý lybasynda suratlandyrylýar. Şeýlelikde, kartina iň gymmat bahadan satylan döwrebap surat boldy. «Sotheby's» auksion öýi kartinanyň täze eýesiniň adyny mälim etmedi.

Kartina 1985-nji ýylda Leonard Lauder tarapyndan satyn alynýar. Lauderiň iýun aýynda 92 ýaşynda aradan çykmagy bilen kartina satuwa çykaryldy.

**Bahar ANNAÝEWA,**
*Görogly etrabyndaky 19-njy orta mekdebiň mugallymy.*

## Gadymy şäher tapyldy

Gazagystanda arheologlar Bürünç eýýamyna degişli şäheriň galyndylaryny tapdylar. Irtyş derýasynyň kenaryndaky depäniň üstünde gurlan şäher jülgäniň şahalaryny ýokardan synlamaga mümkinçilik beripdir. Şol sebäpli taryhçylar bu ilatly ýeri «Ýedi jülge şäheri» diýip atlandyrdylar. Täze geçirilen barlaga görä, şäher mundan 3600



ýyl ozal şol döwrüň uly ilatly ýeri bolupdyr. Semiýarka atly gadymy şäher 140 gektar meýdany eýeläp, şol döwrüň obalaryndan 4 esse uly bolupdyr. Mundan ozal bu ýerde geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde irki döwürlere degişli dürli iş gurallary tapylypdy.

Geçirilen täze barlag barada «Antiquity» žurnalynda makala neşir edildi.

**Aýjahan OTUZOWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň mugallymy.*

## Tehnologiýa kompaniýalarynyň girdejileri ýokarlandy

Dünýäniň iri tehnologiýa kompaniýalary ýylyň üçünji çärýegine degişli girdejileri barada maglumat ýaýratdy. Ýarymgeçiriji önümçiligi bilen meşgullanýan «Nvidia» kompaniýasynyň girdejisi hem-de peýdasy garaşylandan ýokary boldy. Amerikan kompaniýasynyň girdejisi 57 milliard, her paýnama üçin alan peýdasy 1,3, maglumat merkezlerinden alan girdejisi 51,2 milliard amerikan dollaryna ýetdi.



Degişli döwürde Hytaýyň «Xiaomi» kompaniýasynyň girdejisi 113,1 milliard hytaý ýuanyna (15 911 654 000 dollar) ýetdi. Bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwründäkiden 22,3% ýokary bolupdyr. Kompaniýa dürli elektron enjamlary we elektroulag öndürmek bilen meşgullanýar.

**Ybraýym KERIÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# Kanunçylyk we hukuk: jemgyýetiň durnukly ösüşiniň binýady

Kanunçylyk we hukuk – döwletiň düzgünli, adalatly we durnukly işlemegini üpjün edýän möhüm jemgyýetçilik institutlarynyň biridir. Hukuk jemgyýetde gatnaşyklar üçin kadalary döredýär, kanunçylyk bolsa şol hukuk kadalarynyň düzgün görnüşde binýadyny belleýär. Döwletiň dolandy-



ryşynda, raýatlaryň hukuklaryny goramakda we jemgyýetdäki tertip-düzgüni saklamakda kanun we hukuk has-da ähmiýetlidir. Şonuň üçin hem her bir döwletiň ösüş strategiýasynda kämil kanunçylyk ulgamy möhüm orun eýeleýär.

Hukuk – jemgyýetdäki gatnaşyklaryň çaltlanmagyny üpjün edýän döwlet tarapyndan kabul edilen umumy hökmany kadalar ulgamydyr. Kanunçylyk – hukuk kadalarynyň döredilmegi, kabul edilmegi, kämilleşdirilmegi we ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly dolandyryş ulgamydyr.

Kanunçylyk ulgamy diňe döwlet edaralary üçin däl, eýsem, raýatlar üçin hem ulanylýan giň ulgamdyr. Şonuň bilen bir hatarda: raýatlaryň hukuk taýdan habardar bolmagy, döwlet bilen jemgyýetiň arasynda ynamly gatnaşyklaryň döredilmegi kanunçylygyň abraýyny we netijeliligini artdyrýar.

Hukuk medeniýeti raýatlaryň kanunlary bilmegi, olara hormat goýmagy we kanunyň çäklerinde ýaşamak endiklerini özünde jemleýän düşünjedir.

Kanunçylyk we hukuk döwletiň binýadyny emele getirýän iň möhüm jemgyýetçilik institutlarynyň biridir. Olar jemgyýetde tertibi, adalaty, howpsuzlygy we raýatlaryň hukuklaryny üpjün edýär. Kämil hukuk kadalary we döwrüň talaplaryna laýyk kanunçylyk ulgamy döwletimiziň durnukly ösüşiniň we jemgyýetiň abadançylygynyň möhüm şertidir. Şeýle-de hukuk medeniýetiniň ösdürilmegi jemgyýetde ynamly we adalatly gatnaşyklary berkitmäge hyzmat edýär.

**Ogulsadap DURDYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň farmakologiýa kafedrasynyň öwreniji-mugallymy.*

# Sanly dolandyryş we kiberhowpsuzlyk

Häzirki döwrüň tehnologiýa ösüşi döwlet we jemgyýet gurluşynyň ähli ugurlaryna täsir edýär. Sanly ulgamlaryň giňden ornaşdyrylmagy dolandyryş prosesleriniň netijeliligini artdyrýar. Şonuň üçin sanly dolandyryş we kiberhowpsuzlyk häzirki zaman döwletleriniň iň möhüm strate-




gik ugurlarynyň biri bolup durýar.

Sanly dolandyryş döwlet hyzmatlarynyň, jemgyýetçilik prosesleriniň we ykdysadyýetiň sanly tehnologiýalar arkaly netijeli we açyk görnüşde ýerine ýetirilmegidir.

Kiberhowpsuzlyk sanly maglumatlary, ulgamlary we infrastrukturany daşky hem içki kiberhowplardan goramak üçin niýetlenen çäreleriň, serişdeleriň we düzgünleriň toplumydyr.

Sanly dolandyryş ulgamynyň netijeli işlemegi kiberhowpsuzlygyň ýokary derejesine gönüden-göni baglydyr. Eger-de maglumat serişdeleri goralmadyk bolsa, döwlet hyzmatlarynyň sanly görnüşe geçmegi uly töwekgelçiliklere sebäp bolup biler.

**SANLY DOLANDYRYŞ BABATDA KIBERHOWPSUZLYK:**

***döwlet maglumat gorlarynyň ygtybarlylygyny üpjün edýär;***

***sanly hyzmatlaryň durnukly işlemegine kömek edýär;***

***raýatlaryň şahsy maglumatlaryny gorap saklaýar;***

***ykdysady we syýasy howpsuzlygy berkidýär;***

Sanly dolandyryş bilen kiberhowpsuzlyk biri-birine berk baglanan ugurlardyr. Döwletiň üstünlikli ösüşi diňe tehnologiýa taýdan däl, eýsem maglumat howpsuzlygy taýdan hem durnukly bolanda mümkin bolýar.

**Begenç AMANOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň kazyýet lukmançylygy we hukuk kafedrasynyň assistenti.*

# Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny

Dünýäniň ähli künjeklerinde bolşy ýaly, biziň ýurdumyzda hem zenanlaryň jemgyýetçilik, syýasy hem-de ykdysady işlere işjeň gatnaşmagy jemgyýetiň sazlaşykly ösüşiniň möhüm şertleriniň biri hökmünde kabul edilýär. Bu ösüşiň düýp manysynda gender deňligi, adam hukuklaryna hormat goýmak we mümkinçilikleriň hemmeler üçin deň bolmagy ýaly gymmatlyklar durýar.

Zenan diňe bir maşgala ojagynyň eýesi däl, eýsem jemgyýetiň ösüşine itergi berýän güýçdür. Häzirki döwürde zenanlar bilim ulgamynda, ylymda, lukmançylykda, ykdysadyýetde, tehnologiýada, döredijilikde we döwlet dolandyrylyşynda uly üstünliklere ýetýärler.

Ýakynda Türkmenistanyň Mejlisiniň wekilleri Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherinde geçirilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenan ýolbaşçylarynyň dialogynyň mejlisine gatnaşdylar.

Mejlise Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň Parlamentleriniň, halkara guramalarynyň hem-de raýat jemgyýeti institutlarynyň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň ýolbaşçylary we wekilleri gatnaşdylar.

Mejlise gatnaşyjylar sebitiň ýurtlarynda zenanlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek, olaryň döwlet hem-de jemgyýetçilik durmuşyndaky ornuny berkitmek babatynda alnyp barylýan netijeli işleriň ähmiýetini bellediler.

Türkmenistanyň Mejlisiniň wekilleri öz çykyşlarynda ýurdumyzda zenanlaryň hukuklaryny üpjün etmek boýunça kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kämilleşdirilmegi boýunça yzygiderli işleriň



geçirilýändigi barada bellediler. Zenanlaryň döwlet dolandyryşynda, ykdysadyýetde gatnaşygyny giňeltmäge, şeýle hem gender deňligini ilerletmäge gönükdirilen Türkmenistanyň 2021 – 2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň Milli meýilnamasynyň durmuşa geçirilmeginiň ähmiýetini belläp geçdiler.

**Nartäç ORAZMYRADOWA,**
*Gökdepe etrabyndaky 2-nji çagalar bagynyň terbiýeçisi.*

# Parahatçylyk – iň uly baýlyk

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň başlangyjy bilen 2025-nji ýylyň BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli çäreler toplumy ýaýbaňlandyryldy.

Parahatçylyk türkmen halkynyň müňýyllyklardan bäri dabaralanýan iň gymmatly ýörelgeleriniň biridir. Parahatçylyk diňe bir asuda ýaşamak däl, eýsem, jemgyýetiň sazlaşygyny, birek-birege hormaty, hoşniýetliligi we agzybirligi özünde jemleýän ruhy baýlyk hem hasaplanypdyr. Türkmeniň «Parahatçylyk – iň uly baýlyk» diýen pähimi döwürler geçse-de, öz ähmiýetini ýitirmän, halkyň ýaşaýyş ýörelgesiniň esasyna öwrülipdir.

Goja depeler, gadymy galalar we çarwa durmuşynyň rowaýatlary türkmeniň parahatçylyk baradaky düşünjesiniň çuňňurlygyny görkezýär. Halkymyzyň kalbyndaky mähir, myhmansöýerlik hem-de ýaraşdyryjylyk ýörelgeleri arkaly türkmen topragynda birek-birege ynam hem jemgyýetde jebislik berk ornaşypdyr. Şeýle ruhy ýörelgeler jemgyýetiň ösüşini, öý-ojaklaryň abadançylygyny we nesilleriň bagtyýar geljegini üpjün etmegiň möhüm şerti hökmünde düşündirilipdir.

Bu gün hem parahatçylyk türkmen döwleti we jemgyýeti üçin strategik gymmatlyk bolup durýar. Şeýdip, müňýyllyklaryň syna-




gyndan geçen bu baý pähim häzirki döwrüň ösüşine ýol görkezýän, nesilleri dostluk, asudalyk we ynsanperwerlik ruhunda terbiýeleýän beýik milli gymmatlyga öwrülýär.

**Gülzada AZADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Bagtdan paýly, sylagdan serpaýly ýaşlar

Ýakynda Watanymyzyň ösüşlerine öz mynasyp goşantlaryny goşýan ýaşlar Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi tarapyndan yglan edilen Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi diýen hormatly ada mynasyp boldular. Şolaryň hatarynda maňa hem Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi diýen hormatly ada mynasyp bolmak bagty miýesser etdi. Bu baýraga mynasyp bolmagym durmuşymda ýatdan çykmajak pursatlaryň birine öwrüldi. Bagtdan paýly, sylagdan serpaýly ýaşlaryň duýgularyny taryplamaga söz ýetmez. Çünki çäksiz begençden galkynan göwnüm bu gün diýseň bagtyýar.



Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly sagdyn nesli terbiýelemäge örän uly ähmiýet berýäris. Dünýäniň öňdebaryjy tejribelerinden ugur alyp, ýaş nesliň döwrebap bilim almagy, ylym we döredijilik bilen meşgullanmagy ugrunda giň mümkinçilikleri döredýäris» diýip bellemegi, bu günki gün Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesle durnukly ösüşiň we halkymyzyň döredijilik hyjuwynyň esasy binýady hökmünde garalýandygyny aňladýar.

Hormatly Prezidentimiziň biz – ýaşlara bildirýän uly ynamyndan ruhlanyp çekýän ujypsyz zähmetimize berlen şeýle uly baha üçin begenjimiziň çägi ýok. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýaşlar baradaky öňdengörüjilikli döwlet syýasatyndan ugur alýan özgertmeler bilen ýurdumyzyň beýik ösüşlerine öz goşandymyzy goşjakdygymyza, yhlasly zähmet çekjekdigimize ynandyrasymyz gelýär. Eziz Watanymyzyň hemmetaraplaýyn ösüşini nazarlaýan, il-ýurt bähbitli, döwlet we dünýä ähmiýetli başlangyçlaryň amala aşyrylmagyna goşant goşmak biziň her birimiziň mukaddes watançylyk borjumyzdyr. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun.

**Ogulgerek ATAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň 3-nji ýyl talyby, Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi.*

# Çagalaryň bähbidine hyzmatdaşlyk

Çagalaryň abadançylygyny üpjün etmek – her bir jemgyýetiň iň bir mukaddes borjy. Bu maksat ýolunda hyzmatdaşlygyň ähmiýeti aýratyn uludyr. Çaga diňe bir maşgalanyň däl, jemgyýetiň, döwletiň we tutuş adamzadyň geljegidir. Şonuň üçin olaryň ösüşi, saglygy, terbiýesi hem-de go-



raglylygy ähli gatnaşyjylaryň – ene-atalaryň, mugallymlaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň we döwlet edaralarynyň bilelikdäki tagallasyna daýanýar.

Hyzmatdaşlyk, ilkinji nobatda, jogapkärçilik talap edýär. Ene-atalar bilen bilim işgärleriniň arasyndaky açyk aragatnaşyk, jemgyýetçilik başlangyçlarynyň goldawy we döwlet syýasatynyň çagalara gönükdirilen çäreleri ösdürmegi arkaly çaganyň her bir ugurdan sazlaşykly ösüşi üpjün edilýär. Şeýle hyzmatdaşlygyň netijesinde her bir çaga öz ukybyny açmaga, synaglardan geçmäge we geljegine ynam bilen gadam basmaga mümkinçilik alýar.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy bilen BMG-niň Çagalar gaznasynyň 22-nji noýabrda Çagalaryň bütindünýä gününe bagyşlanyp paýtagtymyzyň Olimpiýa şäherjiginde geçiriljek çäreler hem munuň aýdyň subutnamasydyr.

Bütindünýä Çagalar gününe bagyşlanyp «Bitaraplyk we ynsanperwerlik: Inkluziw geljek üçin hemmetaraplaýyn goldaw» atly çäreler toplumynyň maksady çagalar üçin hemmetaraplaýyn goldawyň göz öňünde tutulýandygyny görkezýär.

**Aýnur HOJAMGULYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## 2025-nji ýylyň iň gowy peýniri

Şweýsariýanyň Bern şäherinde Bütindünýä peýnir baýraklary atly ýaryş geçirildi. Her ýyl başga ýurtda geçirilýän ýaryşda öndürijilerden, telekeçilerden we «affineurlerden» (peýnir taýýarlaýjy) ybarat 265 emin agzasy peýnirlere baha berdi. Baş baýrak üçin dünýäniň dürli ýerlerinden 5 müňden gowrak peýnir hödürlendi. Emin agzalarynyň adalatly baha bermekleri üçin ähli peýnirler ady ýazylmazdan hödür edildi. Eminler peýniriň daşky görnüşine, ysyna we tagamyna baha berdiler. Ýaryşa gatnaşdyrylan peýnirleriň arasynda belli görnüşler bilen bir hatarda, o diýen mälim bolmadyk, az mukdarda öndürilýän düýe süýdünden taýýarlanan peýnirler hem bar. Peýniriň jemi 14 görnüşi final tapgyryna çykdy. Emin agzalary Bern sebitinde öndürilen «gruyère» peýnirini 2025-nji ýylyň iň gowy peýniri hökmünde saýladylar. Ýaryşa peýniriň jemi 46 ýurtdan 5 müň 244 görnüşi hödürlendi.



**Gurbanmyrat REJEPOW,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*

## Syýahatçylaryň sany artýar

Ýewropanyň güneşli ýurdy bolan Ispaniýada syýahatçylaryň sany barha artýar. Şu ýylyň 9 aýynda bu ýurda 76 milliondan gowrak daşary ýurtly barypdyr. Syýahatçylar jemi 106 milliard ýewro sarp edipdir. Iň köp myhman Birleşen Patyşalykdan barypdyr. Ikinji ýeri fransuzlar, üçünji orny germaniýalylar eýeläpdir. Kataloniýa, Balear adalary we Andalusiýa has köp syýahatçyny özüne çekipdir.

Syýahatçylaryň köpüsi bu ýurtda bir hepde galyp, ortaça 1 müň 380 ýewro sarp edipdirler. Fransiýadan we Skandinawiýa ýurtlaryndan barýan syýahatçylaryň sany hem kadaly ýagdaýda ösüşini dowam etdiripdir. Ortaýer deňziniň kenarýaka ýurdy diňe tebigy gözellikleri bilen däl, dürli medeniýetleri özünde jemleýän taryhy ýadygärlikleri bilen hem köpleriň ünsüni çekýär.

**Rüstem HOJANEPESOW,**
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap geňeşiniň uly hasapçysy.*

## Halkara sergide täze uçarlar sargyt edildi

Iki ýyldan bir gezek geçirilýän «Dubai Airshow 2025» halkara sergisinde awiakompaniýalar täze uçarlaryň onlarçasyny sargyt etdi. 17-nji noýabrda öz işine başlap, şu gün tamamlanýan sergide «Emirates» awiakompaniýasy «Boeing 777X» maksatnamasyndaky birinjilik ornuny berkitdi. Kompaniýa ýene-de 65 sany «Boeing 777-9» uçaryny sargyt etdi. Şeýlelikde, awiakompaniýanyň «777X» seriýasyna degişli sargyt eden uçarlarynyň sany 270-e ýetdi.



«Air Senegal» kompaniýasy hem 9 sany «737 MAX» uçaryny sargyt etdi. Kompaniýa Ýewropada we ABŞ-da täze ugurlary açmagy maksat edinýär.

Serginiň çäklerinde dürli görnüşli howa gämileriniň uçuşlary we tanyşdyrylyş dabaralary, awiasiýa pudagynda iş alyp barýan ugurdaş kompaniýalaryň hödürleýän hyzmatlary görkezildi.

**Oguljan BÄŞIMOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Noýabr aýynyň 21-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117554
Belgisi: 47/1665
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# SEBIT HYZMATDAŞLYGYNYŇ TÄZE DEREJESI

16-njy noýabrda hormatly Prezidentimiz Özbegistan Respublikasyna döwlet saparynyň çäklerinde Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň ýedinji konsultatiw duşuşygyna gatnaşdy. Sammitde Türkmenistana 2026-njy ýylda täze – «Merkezi Aziýa we Azerbaýjan» formatynda geçiriljek döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynda başlyklygy ynanyldy.

Şeýle-de sammitde haryt dolanyşygyny artdyrmak, maýa goýum hyzmatdaşlygyny çuňlaşdyrmak, ulag-logistika arabaglanyşygyny ösdürmek bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Mundan başga-da, suw hojalygy, energetika ulgamlarynda tagallalary utgaşdyrmak, şol sanda serhetüsti suw serişdelerini rejeli peýdalanmak, bitewi energetika ulgamyny ösdürmek meselelerine aýratyn üns berildi.




Bu duşuşyklar ilkinji gezek 2018-nji ýylda geçirilip başlandy. Sebit ýurtlarynyň – Türkmenistanyň, Gazagystanyň, Özbegistanyň, Gyrgyz Respublikasynyň we Täjigistanyň döwlet Baştutanlary ýokary derejede duşuşmak arkaly umumy sebit meseleleri boýunça pikir alyşmagy, syýasy ynanyşmagy berkitmegi, ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmegi, howpsuzlyk we ekologiýa gatnaşyklary güýçlendirmegi maksat edinýärler.

Konsultatiw görnüşiň aýratynlygy onuň resmi däl we açyk dialog esasynda geçirilmegidir. Bu ýagdaý sebitde täze başlangyçlaryň öňe sürülmegine we sebitiň geljegine degişli möhüm çözgütleriň çalt kabul edilmegine mümkinçilik berýär.

Merkezi Aziýa ýurtlarynyň arasyndaky söwda dolanyşygy yzygiderli artýar. Ulag-kommunikasiýa ulgamlarydyr logistika ulgamyny döwrebaplaşdyrmak ýurtlaryň üstaşyr mümkinçiliklerini giňeldýär. Konsultatiw duşuşyklarda täze demir ýollaryň, awtomobil ýollarynyň we multimodal ugurlaryň döredilmegi baradaky meseleler, sebitdäki döwletleriň arasynda elektrik energiýasynyň alyş-çalşygyny giňeltmek, gaz we nebit geçirijileri ösdürmek hem-de täze energetika teklipler ara alnyp maslahatlaşylýar. Araly gorap saklamak boýunça bilelikdäki taslamalar, suw serişdelerini oňyn we adalatly paýlamak meselelerine aýratyn üns merkezinde durýar. Merkezi Aziýa gatnaşygynda Türkmenistan dünýä ýurtlary bilen açyk hyzmatdaşlygy we dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmagy möhüm ugur hökmünde öňe sürýär.

Konsultatiw duşuşyklaryň her biri boýunça döwlet Baştutanlary bilelikdäki beýannama kabul edýärler. Şeýle hem dürli derejede işçi toparlar döredilip, sebitleýin ösüş üçin netijeli taslamalar durmuşa geçirilýär. Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygy häzirki wagtda sebit hyzmatdaşlygyny sazlaşdyrýan ýokary derejeli nusgalyk meýdança öwrüldi. Ol ýurtlary birleşdirýän umumy maksatlaryň, taryhy we medeni taýdan ýakynlygyň nyşany bolup, sebitiň durnukly ösüşine täze şertler döredýär.

Güýçli syýasy dialog we bilelikdäki başlangyçlar ulgamynda bu duşuşyklar geljekde hem Merkezi Aziýanyň parahatçylykly, durnukly ösdürilýän sebit hökmünde dünýäde tanalmagyna uly goşant goşar.

Türkmenistan halkara bileleşigi tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine laýyklykda, bu dialogda umumy meseleleriň ylalaşykly çözgütlerini işläp taýýarlamaga işjeň gatnaşýar.

Konsultatiw duşuşyklaryň çäklerinde Türkmenistanyň başlangyçlary hemişe toplumlaýyn häsiýete eýe bolup, tutuş Merkezi Aziýa sebitiniň howpsuzlygyny we durnukly ösüşini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Munuň özi ýurdumyzyň bu hyzmatdaşlyk formatynda eýeleýän netijeli ornuny tassyklaýar.

**Sahypjemal NEPESOWA,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň magistranty.*

# ŞANLY SENÄ TAÝÝARLYK GÖRÜLÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmenistan 2025-nji ýylda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny geçirmek baradaky çözgüde ähli umumy derejedäki waka, halkara gatnaşyklarynyň hil taýdan täze tapgyryna geçmek üçin hakyky mümkinçilik hökmünde garaýar.

Şanly ýylymyzyň 6-njy noýabrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramy mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk döwlet toparynyň nobatdaky mejlisi geçirildi.

Ýylyň başynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň



şanly 30 ýyllyk baýramy mynasybetli çärelere badalga berilmegi bilen, Türkmenistanyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dowamyndaky işleriniň we ileri tutýan ugurlarynyň Konsepsiýasy kabul edildi. Oňa laýyklykda, ýylyň dowamynda ýurdumyzda we dünýäde halkara çäreler yzygiderli geçirilýär.

BMG-niň döredilmeginiň 80 ýyllygyna gabat gelen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly häzirki wagtda dünýäniň gün tertibiniň esasy ýörelgesi hökmünde parahatçylyk we ynanyşmak baradaky baş pikiri durmuşa geçirmäge itergi berdi. Şeýle hem şu ýyl Birleşen Milletler Guramasynyň, dünýä döwletleriniň, halkara we sebitleýin guramalaryň dünýäde parahatçylygyň üpjün edilmegi babatda oňyn başlangyçlaryny we tagallalaryny birleşdirmäge mümkinçilikleri artdyrdy.

Ýylyň dowamynda geçirilen halkara forumlaryň, ylmy maslahatlaryň, duşuşyklaryň, sergileriň, seminarlaryň, festiwallaryň, bäsleşikleriň, sport çäreleriniň, okuw sapaklarynyň, köptaraplaýyn dialoglaryň, taýýarlanylan teswirleriň, maglumatlaryň we çap edilen neşirleriň ähmiýeti örän uludyr.

Ýeri gelende belläp geçsek, ählumumy maksatlaryň durmuşa geçirilmeginiň hukuk esaslaryny emele getirmekde, döwletleriň arasynda dostlukly hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny berkitmekde parlament guramalarynyň we milli parlamentleriň işiniň wajyplygyny ýylyň dowamynda geçirilen çäreler hem subut etdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň şu ýylyň 19-njy sentýabrynda geçen mejlisinde hormatly Prezidentimiziň «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunyna gol çekmegi halkara giňişlikde ýurdumyzyň umumadamzat bähbitlerini nazarlaýan ynsanperwer döwlet syýasatynyň kanunçylyk-hukuk binýadyny has-da pugtalandyryp, halkara hyzmatdaşlygyň hukuk esaslaryny kämilleşdirmäge ýardam edýär.

Ýylyň dowamynda geçirilen çärelerde biz halklaryň arasynda özara düşünişmek, hormat goýmak, ynsanperwer kömek, dostluk we hoşniýetlilik köprülerini gurmak işlerinde parlament we halk diplomatiýasyna, haýyr-sahawat gaznalarynyň hyzmatdaşlygyna, medeni alyş-çalyşlara, zenanlaryň, ýaşlaryň, ylym-bilim we sport wekilleriniň gatnaşyklaryna möhüm ornuň degişlidigini hem şaýady bolduk.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy jemgyýetde durnuklylygy we ylalaşygy pugtalandyrmaga, sebitiň we dünýäniň ähli döwletleri bilen dostlukly, özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirilen içeri we daşary syýasatynyň özeni bolup durýar. Şol esasynda hem Türkmenistan parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty durmuşa geçirýär. Döwletler bilen gatnaşyklaryny deňhukuklylyk, özara hormat goýmak we beýleki ýurtlaryň içeri işlerine gatyşmazlyk ýörelgelerinden ugur alyp guraýar.

Bitarap Türkmenistan Garaşsyzlyk ýyllarynda jemgyýetiň we döwletiň ykdysady, syýasy, durmuş-ynsanperwer ugurlarynyň ösüşinde uly üstünlikleri gazanýar. Ýurdumyzyň halkara hyzmatdaşlygynda dünýäniň ýurtlary we halkara guramalary, esasan hem, Birleşen Milletler Guramasy bilen netijeli gatnaşyklary giň gerime eýe bolýar. Dünýä bileleşigi tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy ýurdumyzyň durnukly ykdysady ösüşlerine oňaýly täsir edýär.

**Selim NURJANOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# ÝURDUMYZYŇ SENAGAT ÖSÜŞINIŇ TÄZE TAPGYRY

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň düýpli ösüş ugrunyň biri hem senagat pudagyny ösdürmek, önümçilik mümkinçiliklerini giňeltmek we ýokary goşmaça bahaly önümleri öndürmekdir. Döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri hökmünde kabul edilen Senagat ösüşiniň milli maksatnamasy önümçilikleriň ýerli çig mal esasynda işlenilmegini, ykdysadyýetiň diwersifikasiýa ýoluna geçilmegini we eksport mümkinçilikleriniň artdyrylmagyny göz öňünde tutýar. Bu maksatnamanyň çäklerinde täze zawodyň, fabrigiň, senagat parklarynyň we tehnologik toplumlaryň gurluşygy alnyp barylýar.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetinde nebit-gaz we himiýa pudaklary möhüm orny eýeleýär. Bu ugurda döwrebap taslamalar durmuşa geçirilýär. Ahal welaýatyndaky gazdan benzin öndürýän zawodyň (GTG) ýokary öndürijilikli işi ýurdumyzyň senagat ösüşinde möhüm ädim boldy. Mary welaýatynda karbamid we ammiak öndürýän himiýa toplumlary, Balkan welaýatynda polipropilen we polietilen öndürýän desgalaryň döredilmegi ýurdumyzyň sebitde öňdebaryjy himiýa öndürijisine öwrülmegine mümkinçilik döredýär. Häzirki wagtda Ahal GTG zawodynyň ikinji tapgyry boýunça işler alnyp barylýar.

Gurluşyk pudagynda hem Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň ähli welaýatynda täze ýaşaýyş jaýlary, köprüler, ýol-ulag infrastrukturalary gurulýar. Arkadag şäheriniň taslamasy ýurdumyzyň häzirki zaman şäher gurluşygynda innowasion çözgütleriň üstünlikli ornaşdyrylýandygyny görkezýär.

Energetika pudagy ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň möhüm bölegidir. Soňky ýyllarda täze gaz turbinaly elektrik stansiýalary, guýy we geçiriji ulgamlary guruldy. Şeýle hem ýel we Gün energiýasy taslamalaryna degişli işleri alnyp barylýar.

Türkmenistan dünýäniň köp ýurdy bilen ykdysady gatnaşyklary giňeltmekde hyzmatdaşlyk edýär. Ýaponiýa, Koreýa Respublikasy, Türkiýe, Hytaý, Germaniýa, Russiýa ýaly ýurtlaryň öňdebaryjy kompaniýalary bilen bilelikde iri senagat taslamalary durmuşa geçirilýär. Bu hyzmatdaş-



lyk ýurdumyzyň tehnologiýa mümkinçiliklerini ýokarlandyrmaga, iş orunlaryny döretmäge we eksport ugruny giňeltmäge ýardam berýär.

Täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, milli serişdeleriň netijeli peýdalanylmagy netijesinde ýurdumyz sebitleýin ykdysady giňişlikde öňdebaryjy orny eýeleýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda alnyp barylýan syýasat ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga, halkymyzyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmaga hem-de ýurdumyzyň dünýäde tanalmagyna mümkinçilik berýär.

Ogulnabat AMANDURDYÝEWA,
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

# GURÝAN DÖWLET GURPLUDYR

Häzirki döwürde eziz Watanymyz ösüşiň we rowaçlygyň ýoly bilen ynamly gadam urup, dünýäniň kuwwatly, durnukly ösýän döwletleriniň birine öwrüldi. Milli ykdysadyýetimiziň ähli ulgamlary bilen bir hatarda gurluşyk we senagat pudagy hem ýokary depginlerde ösýär. Gurluşyk we senagat toplumynda innowasion önümçilikleri döretmek, iri senagat kärhanalaryny gurmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilik kuwwatlyklaryny artdyrmak hem-de pudagyň eksport mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak, ulgama sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmak wezipeleri üstünlikli çözülýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu pudaklaryň ösüşi okgunly häsiýete eýe boldy. Bu ugurdaky öňdengörüjilikli syýasat we işjeň halkara hyzmatdaşlyk ýurdumyzyň durnukly ösüşi, ykdysady taýdan galkynmagy üçin amatly şertleri döredýär.



Milli ykdysadyýetimiziň innowasion esasda ösdürilmegine, ägirt uly tebigy baýlyklardan doly derejede peýdalanmaga, ýurdumyzyň sebitlerini toplumlaýyn özgertmäge, döwrebap şäherleri we obalary gurmaga gönükdirilen döwlet maksatnamalaryny yzygiderli durmuşa geçirmekde gurluşyk-senagat toplumyna aýratyn orun degişlidir. 2023-nji ýylyň 29-njy iýunynda «akylly» Arkadag şäheriniň birinji tapgyry ulanmaga berildi. Täze şäheriň birinji tapgyrynyň çäklerinde medeni-durmuş we beýleki maksatly desgalaryň 336-sy guruldy. Döwrebap şäheriň ikinji tapgyrynyň gurluşygynyň ýokary depginde alnyp barylmagy milli ykdysadyýetimiziň ägirt uly mümkinçiliklere we kuwwata eýedigini tassyklaýar. Arkadag şäheriniň gurluşygynyň we onuň sanly gurşawynyň işlenip taýýarlanylmagynyň ýurdumyzyň ugurdaş okuw mekdepleriniň talyplary, professor-mugallymlary üçin öz nazary bilimlerini, täzeçil tekliplerini we pikirlerini iş ýüzünde ulanmak üçin özboluşly mekdep bolandygy bellärliklidir.

Ýurdumyzda gurluşyk pudagynda alnyp barylýan maksatnamalaýyn işleriň netijesinde ilaty we gurluşyklary ýerli çig malyň esasynda öndürilen ýokary hilli senagat önümleri bilen doly üpjün etmäge mümkinçilik döredi. Pudagyň kärhanalarynda sement, magdan däl gurluşyk serişdeleri, diwarlyk paneller, timarlaýyş, gidroizolýasiýa materiallary, metal önümleri, aýna, gurnama demir-beton önümleri, keramzit, kaolin we beýleki gurluşyk serişdeleri öndürilýär.

Bäsdeşlige ukyply milli ykdysadyýeti kemala getirmek, bazar gatnaşyklaryny çuňlaşdyrmak ugruny saýlap alan Türkmenistan telekeçilik işini, işewür toparlaryň işjeňligini hemmetaraplaýyn höweslendirýär, kiçi we orta telekeçiligi netijeli ösdürmek, hususy başlangyçlary goldamak üçin amatly hukuk, ykdysady, maliýe, durmuş şertlerini döredýär. Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary halkara hil standartlaryna laýyk gelýän gurluşyk serişdelerini öndürýän kärhanalary döretmäge, senagat, durmuş-medeni maksatly dürli desgalaryň gurluşyklaryna işjeň gatnaşýarlar, ýokary hilli inženerçilik-tehniki hyzmatlary hödürlemekde, innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmakda, senagat enjamlaryny gurnamakda we işe girizmekde ýurdumyzyň senagat taýdan ösüşine mynasyp goşant goşýarlar. Ýol gurluşygynyň meýilnamalary üstaşyr ulag geçelgelerini giňeltmek, ýurdumyzyň multimodal ulag geçelgeleriniň sebit we halkara ulgamyna işjeň goşulyşmagy boýunça öňde goýlan wezipeleriň çözülmegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Awtomobil ýollarynyň gurluşygy, ýük daşamak, elektroenergetika ýaly beýleki möhüm ugurlarda hem telekeçiligiň paýy ýylsaýyn artýar. Türkmen telekeçileri döwletiň uly goldawyndan ruhlanyp, işiň täze ugurlaryny, şol sanda elektron senagaty hem özleşdirýärler.

Ýurdumyzyň özygtyýarly ösüş ýyllarynda gurluşyk we senagat toplumyny innowasion taýdan ösdürmek hem-de diwersifikasiýalaşdyrmak, onuň kuwwatly infrastrukturasyny kemala getirmek boýunça uly işler bitirildi. Hereket edýän kärhanalary döwrebaplaşdyrmaga, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmaga, pudagyň ylmy-tehniki binýadyny berkitmäge, oňa netijeli dolandyryş çözgütlerini ornaşdyrmaga aýratyn üns berilýär. Gurluşyk we senagat toplumyny ösdürmäge berilýän uly üns hem-de işlemäge döredilen mümkinçilik üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden alkyşlarymyzy aýdýarys.

**Kakajan BERDIÝEW,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň bölüm müdiri.*

# ÝAŞLAR – WATANYŇ DAÝANJY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň döredilen güni mynasybetli her ýyl geçirilmegi däbe öwrülen dabara döredijilikli zähmeti bilen döwrümiziň ösüşlerine goşant goşýan bagtyýar ýaşlar gatnaşdylar. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň ministrlikleri, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, ýokary okuw mekdepleri, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň, welaýatlaryň häkimlikleri tarapyndan ýaşlaryň 426-sy hödürlenildi. Şolardan 141-si bolsa Ýaşlar baýragynyň eýesi diýlip yglan edildi. Olar edebiýatda, sungatda, medeniýetde, oba hojalygynda, ylymda, tehnikada,



sportda, saglygy goraýyşda, bilim we terbiýeçilik işlerinde gazanan üstünlikleri bilen, hormatly Prezidentimiziň alyp barýan içeri hem-de daşary syýasaty, durmuşa geçirilýän beýik özgertmeleri, olaryň ýurdumyzyň, halkymyzyň durmuşyndaky taryhy ähmiýetini wagyz etmekde ýokary döredijilik başarnygyny, işjeňligini görkezip, zähmetde, döredijilikde aýratyn tapawutlanan ýaşlardyr.

«Ýaşlar – Watanyň daýanjy» diýýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýaşlar baradaky döwlet syýasaty üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda ýaş raýatlary hemmetaraplaýyn goldamagyň, olary zähmete we döredijilige höweslendirmegiň nusgalyk ulgamy döredildi. Häzirki döwürde ýaşlar diňe bir döwletimiziň uzak geljegi nazarlaýan ösüşinde strategik güýç bolmak bilen çäklenmän, jemgyýetiň syýasy, ykdysady, durmuş ulgamlaryna hem işjeň gatnaşyjylardyr.

Döwlet tarapyndan alnyp barylýan ýaşlar syýasatynyň esasy maksady – ýaşlara döredijilik, bilim, saglyk, zähmet we jemgyýetçilik işjeňligi babatda amatly şertleri üpjün etmekdir. Bu ulgamdaky çäreler ýaşlaryň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmaga, ukyp-başarnyklaryny kämilleşdirmäge hem-de jemgyýete peýdaly nesli kemala getirmäge gönükdirilendir.

**ŞOL MAKSATLARDAN KÄBIRINI BELLÄP GEÇSEK TALABALAÝYK BOLAR:**

**1. Bilim mümkinçiliklerini giňeltmek**

Döwlet ýaşlaryň ýokary hilli bilim almagyny üpjün edip, döwrebap okuw mekdepleriniň, uniwersitetleriň, elektron-öwreniş platformalarynyň döredilmegine möhüm üns berýär.

**2. Saglygy goraýyş we sagdyn durmuş hereketi**

Ýaşlaryň saglygynyň, sport bilen meşgullanmagynyň, sagdyn durmuş düzgüniniň öňe sürülmegi ýaşlar syýasatynyň möhüm bölegi bolup durýar.

**3. Iş orunlary we zähmet bazary**

Ýaşlaryň iş bilen üpjünçiligi aýratyn wajyp meseledir. Döwlet iş orunlarynyň döredilmegine, ýaş hünärmenlere başlangyç goldawlara, telekeçilik we innowasiýa meýilnamalaryna üns berýär.

**4. Döredijilik we innowasiýalar**

Döwlet ýaşlaryň pikirlerini, başlangyçlaryny hemmetaraplaýyn goldamak üçin innowasiýa merkezlerini, ýaşlar tehnoparklaryny, ylmy-barlag platformalaryny döredýär. Zehinli ýaşlaryň halkara bäsleşiklerine gatnaşmagyna mümkinçilik berilýär.

**5. Ýaşlary jemgyýetçilik işlerine çekmek**

Ýaşlaryň jemgyýetçilik durmuşyna işjeň gatnaşmagy – döwlet gurluşynyň möhüm talaby. Ýaşlar jemgyýetçilik guramalarynda işjeň bolup, syýasy, medeni we jemgyýetçilik işlerinde uly orny eýeleýärler.

Ýaşlaryň bähbitlerini goramak, olara bilim, saglyk, mümkinçilik we döredijilik ýolunda goldaw bermek – döwletiň iň möhüm wezipeleriniň biridir. Ýaşlara aýratyn üns berilmegi jemgyýetiň ösüşiniň berk binýadyny döredýär.

Döwlet syýasatynyň öňdebaryjy ugurlarynyň biri hökmünde ýaşlar baradaky aladanyň dowamly ösdürilmegi geljekki ösüşiň, jemgyýetiň durnuklylygynyň we halkyň abadançylygynyň kepilidir.

**Akjemal ALLAMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# TÜRKMEN POEZIÝASYNYŇ LIRIKI NUSGASY

Gurbannazar Ezizow türkmen edebiýatynyň ösüşine özboluşly goşant goşan zehinli şahyrdyr. Ömrüniň gysga bolandygyna garamazdan, ol döredijilik äleminde aýratyn orun eýeläp, liriki-poetiki äheňi bilen nesilleriň söýgüsini gazanypdy. Şahyryň goşgulary duýguly mazmuna, çuňňur pelsepä we sözleriň sada, ýöne täsirli gurluşyna eýedir. Üstümizdäki ýylda şahyryň doglan gününiň 85 ýyllygy mynasybetli çäreler guralýar.

Ýakynda bolan Ministrler Kabinetiniň mejlisinde hormatly Prezidentimiz noýabr aýyndaky döwlet ähmiýetli çäreleriň hatarynda Türkmenistanyň halk ýazyjysy, Magtymguly adyndaky döwlet baýragynyň eýesi Gurbannazar Ezizowyň doglan gününiň 85 ýyllygy mynasybetli aýdym-sazly dabarany geçirmek baradaky teklibi goldap, ony ýokary derejede guramaçylykly geçirmegiň möhümdigini belledi. Munuň özi ýurdumyzda edebiýata, söz sungatyna aýratyn hormat goýulýandygynyň nobatdaky güwäsidir.

Geçen hepdäniň ahyrynda Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynda ussat şahyryň doglan güni mynasybetli «Güýzüň waspçysy, parahatçylygyň şahyry Gurbannazar Ezizowyň şygryýeti – türkmen pelsepesiniň kämilligi» ady bilen aýdym-sazly dabara geçirildi. Onuň dowamynda şahyryň ömrüne we döredijiligine bagyşlanan täsirli çykyşlara, çeper okaýyşlara hem-de onuň şygyrlaryna döredilen aýdymlara giň orun berildi.

Gurbannazar Ezizow 1940-njy ýylyň 1-nji martynda Büzmeýin etrabynda dünýä inýär. Ol orta mekdebi tamamlandan soň, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň filologiýa fakultetine girip, 1964-nji ýylda tamamlaýar. Şahyryň döredijilik dünýäsiniň täze sahypalary hem hut talyp ýyllarynda açylýar. 1964–1970-nji ýyllarda «Edebiýat we sungat» gazetinde poeziýa bölüminiň müdiri bolup işleýär. Bu döwür şahyryň ähli döredijilik mümkinçilikleriniň ýüze çykan döwrüdir. 1972-nji ýyldan ömrüniň ahyryna çenli Türkmenistanyň Ýazyjylar birleşiginde edebi ýolbaşçy bolup işledi. Bu ýer onuň şahyrlar bilen işleşmegine hem-de poeziýanyň ösüşine goşant goşmagyna mümkinçilik berdi.

Döredijilik aýratynlyklary

1. Liriki mazmunyň baýlygy

Ussat şahyryň goşgulary özboluşly lirizmi bilen tapawutlanýar. Söýgi, mähir, tebigat, ömür, ynsan ykballary onuň şygyrlarynda giňden hem ussatlyk bilen beýan edilýär.



2. Sözleriň sazlaşygy

Şahyryň döredijiliginde äheň we sazlaşyk aýratyn orun eýeleýär. Şahyryň goşgularynyň köpüsi aýdym edilip aýdylýar.

3. Pelsepewi çuňluk

Şahyryň eserlerinde filosofik pikirler, durmuşyň we ömrüň manysy baradaky aladalar gabat gelýär.

Şahyryň zehini onuň goşgularynda duýgulara aýratyn çemeleşmesinde, sözleriň kämil saýlanmagynda we döredijilik bitewüliginde aýdyň ýüze çykýar.

Türkmen poeziýasynyň taryhynda aýratyn ýol açan şahyryň goşgulary lirikanyň owadan nusgalary hökmünde halkyň ruhy dünýäsinde mynasyp orun eýeleýär. Şahyryň döredijiligi öz döwrüni aşyp, türkmen edebiýatynyň baý hazynasynda öçmejek yz goýupdyr.

Sona AMANOWA,
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# EKOLOGIÝA WE ABADANÇYLYK

Häzirki döwürde dünýä jemgyýetçiliginiň öňünde durýan esasy wezipeleriň biri tebigaty goramak, ekologik deňagramlylygy üpjün etmek we adamlaryň ýaşaýyş abadançylygyny ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Tebigatyň durnukly ýagdaýda saklanmagy jemgyýetiň ösüşiniň möhüm şerti bolup, ekologik abadançylyk häzirki döwrüň iň möhüm jemgyýetçilik gymmatlyklarynyň biridir.

Ekologiýa adam bilen tebigatyň arasyndaky sazlaşygy, olaryň özara täsirini öwrenýän ylymdyr. Tebigaty goramak diňe bir ylmy ýa-da tebigy mesele bolman, eýsem, jemgyýetiň durmuşynda ykdysady, medeni we ruhy ähmiýete eýedir. Ekologiýa taýdan arassa gurşaw halkyň saglygynyň, bagtyýar durmuşynyň we durnukly ösüşiň kepilidir.

Türkmen halky gadymy döwürlerden bäri tebigata hormat goýmagy, ýer bilen suwa alada bilen çemeleşmegi öz ýaşaýyş ýörelgesine öwrüpdir.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ekologik syýasat üstünlikli durmuşa geçirilýär. Döwlet derejesinde tebigaty goramak, biologik dürlüligi saklamak, suw serişdelerini tygşytly ulanmak, howanyň arassalygyny üpjün etmek boýunça giň möçberli maksatnamalar amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Bitaraplyk ýörelgesine esaslanýan daşary syýasatynda hem ekologiýa meseleleri aýratyn orun eýeleýär. Aral deňziniň ekologiýasyny dikeltmek boýunça alnyp barylýan işler, şeýle-de «Altyn asyr» türkmen kölüniň döredilmegi ýurdumyzyň tebigata bolan jogapkärli çemeleşmesiniň aýdyň mysalydyr. Bu taslamalar diňe bir ekologik taýdan däl, eýsem, ykdysady taýdan hem uly ähmiýete eýe bolup, oba hojalyk meýdanlarynyň giňelmegine we halkyň ýaşaýyş şertleriniň gowulanmagyna itergi berýär.

Türkmenistanda amala aşyrylýan şähergurluşyk maksatnamalarynda ekologiýa meselelerine aýratyn üns berilýär. Täze gurulýan şäherlerde, ýaşaýyş toplumlarynda, seýilgählerde, ekologiýa taýdan arassa çemeleşme ýörelgeleri giňden ornaşdyrylýar. Arkadag şäheri döwrebap gurluşygy we ekologiýa taýdan arassalygy bilen



«akylly» we «ýaşyl» şäher hökmünde dünýäde öz ornuny tapdy. Bu şäheriň gurluşygynda energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalar, Gün we ýel energiýasy ýaly gaýtadan dikeldilýän çeşmeler ulanylýar. Şeýlelikde, Arkadag şäheri ýurdumyzda we sebitde ekologik taýdan durnukly ösüşiň nusgasy bolup çykyş edýär.

Ekologiýa medeniýeti her bir adamyň tebigata jogapkärli çemeleşmegini, daşky gurşawy goramagy öz borjy hökmünde kabul etmegini aňladýar. Şonuň üçin hem ýurdumyzda ekologiýa boýunça bilim-terbiýe berýän çäreler, ýaşlar hem-de jemgyýetçilik guramalary tarapyndan geçirilýän arassalaýyş, agaç ekmek çäreleri giňden ýaýbaňlandyrylýar.

Ýaş nesillerde tebigata söýgi we jogapkärçilik duýgusyny döretmek ýurdumyzyň ekologik abadançylygynyň geljegi üçin möhüm ähmiýete eýedir. Bilim edaralarynda «Ekologiýa», «Tebigaty goramak» ýaly sapaklaryň ornaşdyrylmagy ýaşlaryň ekologik medeniýetiniň ösüşine ýardam berýär. Netijede, ekologiýa we abadançylyk bir-birinden aýrylmaz düşünjelerdir. Tebigaty goramak abadançylygyň kepili, abadançylyk bolsa ekologik durnuklylygyň netijesidir.

Türkmenistanda ekologik syýasatyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi, ýaşyl guşaklaryň giňeldilmegi, tebigy baýlyklaryň tygşytly ulanylmagy we ekologik arassa önümçiligiň ösdürilmegi halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň üpjün edilmegine gönükdirilendir.

Ekologiýa baradaky jogapkärli çemeleşme we abadançylygyň derejesiniň ýokarlanmagy diňe bir biziň döwrümiz üçin däl, eýsem, geljek nesiller üçin hem arassa, abadan dünýäni döretmegiň kepilidir.

Maral ATAJANOWA,
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň kliniki farmakologiýa okuwly gospital terapiýa kafedrasynyň assistenti.*

# KITAP – ADAMZADYŇ DÖREDIJILIK BAÝLYGY

Adamzat taryhynyň ähli döwründe kitap ylmyň, bilimiň, medeniýetiň we ruhy gymmatlyklaryň iň möhüm çeşmesi bolup gelipdir. Kitap diňe bir kagyza ýazylan sözleriň ýygyndysy däl, eýsem, akylyň, duýgynyň we zamananyň ylym derejesiniň jemidir. Kitap adamzat ösüşiniň ähli tapgyrlarynda möhüm orun eýeleýär. Kitabyň üsti bilen adamlar öňki nesilleriň tejribesini, pähimini we ruhy baýlygyny geljek nesillere ýetirýärler. Şonuň üçin hem kitap adamzadyň iň belent döredijilik baýlygydyr.



Bilim – her bir jemgyýetiň ösüşiniň we döwrebaplaşmagynyň esasy güýjüdir. Bilim almak üçin bolsa, ilkinji nobatda, kitaba ýüzlenmek zerurdyr. Kitap arkaly adam diňe maglumat edinmän, eýsem, düşünjesini giňeldýär, pikirlenmegi, dogry netijä gelmegi öwrenýär. Kitap adamyň içki dünýäsine täsir edýär, onuň ruhy derejesini ýokarlandyrýar.

Kitap medeniýetiň hem möhüm bölegidir. Her milletiň medeni derejesi kitaba bolan garaýşy bilen ölçelýär. Kitabyň üsti bilen halkyň taryhy, däp-dessurlary, ahlak kadalary, döredijilik sungaty we jemgyýetçilik pikirleri nesillerden nesillere geçýär.

Kitap okamak şahsyýetiň kemala gelmeginde möhüm bolup, adam pikirlenmegi, göz öňüne getirmegi, duýmagy we döredijilikli bolmagy başarýar. Kitap adamyň dil baýlygyny artdyrýar, sözleýiş we ýazuw endiklerini gowulandyrýar. Dürli mazmunly kitaplar – taryhy, ylmy, edebi, psihologik ýa-da durmuş temaly eserler okyjynyň ruhy ýagdaýyna we dünýägaraýşyna täsir edýär.

Ýaş nesiller üçin kitabyň orny has-da uludyr. Okuwçylar we talyplar kitap arkaly diňe bir maglumatlary özleşdirmän, eýsem, durmuşda ýolgörkeziji pähimleriň çeşmesini hem tapýarlar. Şonuň üçin ýaşlaryň kitap okamak endigini ösdürmek jemgyýet üçin möhüm wezipedir. Kitap okamak endigini kiçi ýaşdan başlap ýola goýmak, ýaşlary elektron serişdelerden bilim almak üçin peýdalanmaga ugrukdyrmak häzirki döwrüň möhüm meselesidir.

Geçmiş bilen geljegiň arasynda gurlan akyl köprüsi bolan kitapda taryhy wakalar, ylmy açyşlar, filosofiki pikirler we döredijilik sungatynyň iň gymmatly nusgalary saklanyp, öz döwrüniň düşünjesini, medeni derejesini we ösüşini görkezýän kitaplary okamak döwrüň ruhuna düşünmekdir.

Dünýäniň meşhur alymlary, akyldarlary we döredijilik adamlary kitaby öz üstünlikleriniň açary hasaplapdyrlar. Kitap diňe bir bilimiň çeşmesi däl, eýsem, adamyň akyl hem ruhy taýdan ösüşiniň möhüm guralydyr. Kitap okamak adamyň jemgyýete peýdaly şahsyýet bolmak ugrunda ädýän möhüm ädimidir. Şonuň üçin hem ýaş nesillerde kitap okamaga höwes döretmeli, kitap bilen ýaşaýan jemgyýeti döretmeli. Çünki kitap adamzadyň iň ýakyn dostudyr.

Jemal MUHAMMEDOWA,
*Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebiniň kitaphanaçylyk işi bölüminiň mugallymy.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

**Iň süýji suwy saýladylar.** Stokgolmda geçirilen «Şwesiýanyň turba arkaly akdyrylýan iň süýji suwy» milli bäsleşiginde Elwsbýun kommunasy ýeňiji boldy. Suwuň hili babatda Elwsbýunyň suwunyň ýumşak tagamynyň we özboluşly aýratynlygynyň bardygy bellenildi. Eminler topary ýurduň dürli künjeklerine syýahat edip, 80-den gowrak kommunadan suwuň nusgalaryny alyp, olaryň 20 nusgasyna ýokary baha berdiler.



**«ChatGPT»-niň täze nusgasy.** «OpenAI» kompaniýasy «ChatGPT»-ni has akylly, gepleşikde has tebigy bolan «GPT-5» seriýasynyň täze nusgasyny – «GPT-5.1»-i çykardy. Täze önüm iki esasy modeli öz içine alýar. Iň köp ulanylýan «GPT-5.1 Instant» indi gepleşik üçin has amatly. Ol çylşyrymly sorag üçin has köp wagtyň gerekdigini kesgitläp, uýgunlaşyp pikirlenip bilýär, bu bolsa has takyk we doly jogap bermäge mümkinçilik berýär.



**Gymmada giden göwher bezeg.** Imperator Napoleon Bonaparta degişli göwher bezeg 3,5 million şweýsar frankyna (4,4 million amerikan dollary) satyldy. Ženewada geçirilen auksionda ilkinji gezek hödürlenen bezeg öz bahasyndan 14 esse gymmat satyldy. Bezegiň diametri, takmynan, 4,5 santimetre, agramy 13,04 karata deň. 100 sany taraşlanan göwher bilen bezelen gymmatbahaly bu bezeg 1810-njy ýylda Imperator Napoleon I üçin ýasalypdyr.



**2025-nji ýylyň model gyzy.** Britaniýanyň moda geňeşi gelip çykyşy boýunça günorta sudanly amerikan supermodeli Anok Ýaýa «2025-nji ýylyň model gyzy» diýen hormatly ady berdi. Onuň juda özboluşly, gurjak ýaly keşbi bar. Bu barada «The Fashion Awards 2025» dabarasynda mälim edildi. Baýrak gowşurylyş dabarasy 1-nji dekabrda Londondaky «Royal Albert Hall» konsert merkezinde geçiriler.



**Magnit tupanlary hasaba alyndy.** Şu ýyl rekord derejede magnit tupanlary hasaba alyndy. 2025-nji ýylyň başyndan oktýabra çenli magnit tupanlary we geomagnit bozulmalary rekord derejä çykyp, 134-si hasaba alyndy. Maglumatlara görä, alymlar 13-nji noýabra çenli Ýer ýüzünde 61 sany magnit tupanyny hasaba aldylar. Olaryň dördüsi G3 (güýçli), ikisi G4 (örän güýçli). Soňkusy, 12-nji noýabrda hasaba alnyp, magnit hadysasynyň iň ýokary derejesini (G5) görkezdi.



**Telekommunikasiýa boýunça maslahat.** 17-nji noýabrda Bakuda Telekommunikasiýalaryň ösüşi boýunça Bütindünýä maslahaty öz işine başlady. Günorta Kawkaz we Merkezi Aziýa sebitinde ilkinji gezek geçirilýän maslahatda Halkara telekommunikasiýa bileleşigine agza ýurtlar 2026 – 2029-njy ýyllar üçin global sanly ösüşiň ýol kartasyny işläp düzerler. 28-nji noýabrda tamamlanjak çärä 150 ýurtdan 2 müňden gowrak wekil gatnaşýar.

**Ilkinji bäşlige girdi.** Birleşen Arap Emirlikleriniň iki uly şäheri – Dubaý bilen Abu-Dabi gurply adamlar üçin iň özüne çekiji 5 şäheriň hataryna girdi. Dubaý sanawda birinji orunda, Abu-Dabi bolsa bäşinji orunda durýar. Nýu-Ýork ikinji, Singapur üçünji, Gonkong bolsa dördünji orny eýeledi. Monako, Los-Anjeles, Maýami, Aspen we London hem ilkinji onluga girdi. Bu barada «Savills Middle East» konsalting kompaniýasynyň hasabatynda bellenilýär.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1877-nji ýylda Tomas Edison mehaniki usulda sesi ýazgy etmäge we gaýtadan diňlemäge mümkinçilik berýän ilkinji enjam bolan fonografy oýlap tapdy. Edison 1877-nji ýylyň 21-nji noýabrynda tüýdüge meňzeş turbasy we plastinkasy bolan bu enjam bilen köpçüligi tanyşdyranda, döwürdeşleri oňa haýran galýar. Bu oýlap tapyş sesi ýazgy etmek döwrüniň başyny başlap, gramofon we häzirki zaman sanly enjamlar ýaly şu günki tehnologiýalaryň esasyny goýdy.**




# Parlament saýlawlarynda ýeňiş gazandy

Yragyň häzirki Premýer-ministri Mohammed as-Sudaniniň ýolbaşçylygyndaky «Gurluşyk we ösüş bileleşigi» Wekiller geňeşine (parlament) geçirilen saýlawlarda sesleriň köpüsine eýe boldy. Ýokary saýlaw komissiýasynyň ýaýradan maglumatlaryna görä, bu bileleşik Bagdatda, şeýle hem Yragyň günortasyndaky En-Najaf we Kerbela welaýatlarynda 410 müňden gowrak ses alyp ýeňiş gazandy.



«Hemmeleri ýurduň bähbitlerini ileri tutmaga we saýlawçylaryň isleglerine hormat goýmaga çagyrýarys» diýip, As-Sudani netijeler çap edilenden soňra aýtdy. Onuň sözlerine görä, «Indiki tapgyryň maksady öz maksatnamalaryny durmuşa geçirip bilýän täze hökümeti döretmekdir». Şeýle hem Mohammed As-Sudani öz bileleşiginiň ähli partiýalar bilen hyzmatdaşlyk etmäge açykdygyny tassyklady.

Maglumatlara görä, parlamentiň öňki başlygy Mohammed al-Halbusiniň ýolbaşçylygyndaky «Progress» bileleşigi Bagdatdaky ses berişlikde 284 müň 109 saýlawçynyň goldawyny alyp, ikinji orny eýeledi. Öňki Premýer-ministr Nuri al-Malikiniň ýolbaşçylygyndaky «Kanun döwleti» bileleşigi 228 müň 244 ses bilen üçünji orny eýeledi.

Yrakda umumy ses berişlik 11-nji noýabrda geçirildi. 31 bileleşigiň we 38 partiýanyň wekilleri, şeýle hem garaşsyz dalaşgärler 329 orun üçin bäsleşdiler. Jemi 7,768 dalaşgär hasaba alyndy, olaryň arasynda 2,248 zenan bar.

Konstitusiýa görä, Yragyň parlamentiniň agzalary her 4 ýyldan saýlanýar. Netijeler tassyklanandan soň, Wekiller geňeşi ilkinji mejlisini geçirmek üçin ýygnanyp, başlygyny saýlar. Şondan soň, parlament 30 günüň dowamynda ýurduň Prezidentini saýlar. Prezident hem öz gezeginde, iň uly bileleşige Premýer-ministr wezipesine dalaşgär hödürlemek barada görkezme berer.

Premýer-ministrlige dalaşgär täze Ministrler Kabinetini döretmek baradaky teklibini öňe sürmeli we deputatlardan tassyklanmagyny soramaly. Eger-de ol parlament agzalarynyň köpüsi tarapyndan goldanylsa, hökümet döredilen hasaplanýar. Eger tersine bolan halatynda Prezident täze dalaşgäre Ministrler Kabinetini düzmegi tabşyrýar.

# IKINJI TAPGYRY GEÇIRILER

**16-njy noýabrda Çilide geçirilen Prezident saýlawlarynda dolandyryjy çepçi güýçleriň dalaşgäri Žannett Hara we konserwatiw Respublikan partiýasynyň dalaşgäri Hose Antonio Kast ikinji tapgyra çykdy. Dalaşgärleriň hiç biri sesleriň 50 göterimden gowragyna eýe bolup bilmändigi üçin 14-nji dekabrda guraljak ikinji tapgyrda bäsleşerler. Bu barada Çiliniň Saýlaw gullugy (Servel) mälim etdi.**

**Saýlaw gullugynyň maglumatlaryna görä, saýlawlaryň birinji tapgyrynda sesleriň 77,79 göterimi sanalandan soň, Hara sesleriň 26,69 göterimini, Kast bolsa 24,15 göterimini aldy. Çiliniň kanunlaryna görä, dalaşgärleriň hiç birisi birinji tapgyrda sesleriň ýarysyndan gowragyny almasa, ikinji tapgyra çykýar. Çiliniň Prezidenti Gabriel Boriç telewideniýede eden çykyşynda Ž.Harany hem-de H.A.Kasty gutlady.**

**– 14-nji dekabrda Çili ýene-de bir gezek Prezidentini saýlar. Bu saýlawlar**



**Watanymyzyň indiki 4 ýylynyň ykbalyny kesgitlär. Men Çili üçin dialogyň, hormatyň we söýginiň islendik düşünişmezliklerden has möhüm boljakdygyna ynanýaryn – diýip, Boriç aýtdy.**

# Tanzaniýanyň täze Premýer-ministri

Tanzaniýanyň Parlamenti Mwigulu Nçembanyň ýurduň täze Premýer-ministri wezipesine bellenmegini biragyzdan tassyklady. Onuň dalaşgärligi Prezident Samiýa Suluhu Hasan tarapyndan hödürlendi. Parlamentiň başlygy Mussa Azzan Zungu paýtagt Dodomadaky parlamentiň zalynda ses berişligiň netijelerini mälim etdi. Syýasy çärä gatnaşan 371 parlament agzasynyň 369-sy oňyn ses berdi.

«Çama Ça Mapinduzi» partiýasynyň agzasy bolan ykdysatçy we tejribeli syýasatçy M.Nçemba ozal maliýe ministri bolup işläpdi. Ol hökümete 10 ýyllap ýolbaşçylyk eden Kassim Majaliwanyň ornuna geçdi. 50 ýaşly M.Nçemba parlamentde Günbatar Iramba saýlaw okrugyna wekilçilik edýär. Ol 1961-nji ýylda ýurt Garaşsyzlygyny alanyndan bäri Tanzaniýanyň 12-nji



Premýer-ministri boldy.

M.Nçemba öz çykyşynda Tanzaniýanyň raýatlarynyň abadançylygyny ileri tutjakdygyna we milli ösüş maksatlaryny öňe ilerletmek üçin ähli tagallalary etjekdigine söz berdi. Ol paýtagt Dodomadaky Çamwino döwlet rezidensiýasynda Prezident S. Suluhu Hasanyň gatnaşmagynda resmi taýdan kasam kabul etdi.



# POMPEINIŇ GÖÇME SERGISI GEÇIRILÝÄR

Şu günler Londonyň «ExCeL» sergi merkezinde guralýan täze immersiw sergi gadymy Pompei şäherini wirtual hakykat, uly göwrümli proýeksiýalar we taryhy gurnamalar arkaly janlandyrýar. Täze immersiw sergi bu ýere gelýän myhmanlara Pompeiniň soňky günleri bilen tanyşmaga mümkinçilik berýär.

14-nji noýabrda Londonda açylan «Pompeiniň soňky günleri» sergisi 3 müň inedördül metr meýdany eýeleýär we 10-dan gowrak galereýany öz içine alýar. Sergide hakyky ýadygärlikler hem görkezilýär. Şeýle-de myhmanlar meşhur Misteriý willasyny doly immersiw hakykatda synlap bilýärler. Sergi eýýäm 750 müň myhmany özüne çekdi. Ol Londonda 16 hepde dowam edip, soňra Şanhaý we Buenos-Aýres şäherlerinde guralar. Şeýle sergiler Pompeidäki binalar bilen wirtual tanyşmaga mümkinçilik berýär.

Bu şäher biziň eýýamymyzyň 79-njy ýylynyň 24-nji awgustynda tutuşlygyna diýen ýaly Wezuwiýa wulkanynyň astynda galýar. Miladydan 6 asyr öň esaslandyrylan, Italiýanyň çäklerindäki gadymy şäher bolan Pompeiniň galyndylary ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi. 1748-nji ýylda başlanan gazuw-agtaryş işleri häzirki günlere çenli dowam edip, şäheriň syrlarynyň 80 göterimden gowragynyň üsti açyldy.

# ABŞ-da penni zikgelemek bes edildi

ABŞ-da bir sentlik şaýylyklaryň zikgelenmegi bes edildi. Häkimiýetler bu karary şaýylygyň ähmiýetiniň ýokdugy we gymmada düşýändigi bilen düşündirdiler. Penni ABŞ-da 232 ýyllap zikgelendi. Şeýle-de bolsa, zikgelemek üçin sarp edilýän çykdajylar maliýe taýdan durnuksyz ýagdaýa geldi. Soňky 10 ýylyň dowamynda bir şaýylyk öndürmegiň bahasy 2,27 sent ýokarlandy.



Iň soňky pennini 12-nji noýabrda Filadelfiýada zikgelediler. 1-lik penniniň çykarylmagynyň bes edilendigine garamazdan, şaýylyk kanuny töleg serişdesi hökmünde wagtlaýyn öz derejesini saklar. Şu ýylyň fewral aýynda ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp Maliýe ministrligine şaýylyklaryň öndürilmegini bes etmegi tabşyrdy. Şondan soň, ýangyç guýujy beketler, tiztagam garbanyşhanalary we iri dükanlar bahalary düzedip, nagt tölegleri tegeläp başladylar.

Penni 1792-nji ýylda Amerika esaslandyrylandan soň Birleşen Ştatlaryň zikgehanasy tarapyndan öndürilen ilkinji şaýylyklaryň biridir. Ilkinji mis sentiň ýüzünde azatlygy alamatlandyrýan saçlaryny ýaýyp duran zenan şekillendirilipdir.

# Nebit we gaza bolan isleg artar

Halkara Energiýa Agentligi (HEA) dünýäde nebite we gaza bolan islegiň 2050-nji ýyla çenli artyp biljekdigini habar berdi. Çünki ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp amerikan kompaniýalaryny nebit we gaz önümçiligini has-da ösdürmäge çagyrdy. Halkara Energiýa Agentligi özüne agza ýurtlar tarapyndan maliýeleşdirilýär, ABŞ bolsa bu gurama iň uly maliýe goşandyny goşýar. HEA-nyň seljermesi we maglumatlary dünýäniň dürli künjeklerinde hökümetleriň we kompaniýalaryň energiýa syýasatyny kesgitleýär.

Golaýda Halkara Energiýa Agentligi tarapyndan çap edilen ýyllyk «Dünýä energetikasynyň ösüşiniň geljegi» atly hasabatda, häzirki syýasat dowam eden halatynda, nebite bolan islegiň asyryň ortalaryna çenli her gün 113 million barrele ýetjekdigi, munuň bolsa 2024-nji ýyldaky sarp edilişden, takmynan, 13% ýokary boljakdygy çaklanyldy.

HEA şeýle hem global suwuklandyrylan tebigy gaz bazarynyň 2024-nji ýylda, takmynan, 560 milliard kub metrden 2035-nji ýylda 880 milliard kub metre we 2050-nji ýylda 1 trillion 020 milliard kub metre çenli ösjekdigini çaklaýar.





## Iň gysga iş hepdesi bolan ýurtlar

«World Population Review» halkara guramasy 2025-nji ýyl üçin iş hepdesiniň dowamlylygy boýunça ýurtlaryň sanawyny çap etdi. Sanaw hakyna işleýän işgärler we özbaşdak iş bilen meşgullanýan hünärmenler göz öňünde tutulyp taýýarlandy. Bu sanaw Halkara Zähmet Guramasynyň we Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasynyň maglumatlaryna salgylanýar.

Iň gysga iş hepdesiniň Ýemende (25,9 sagat), Niderlandlarda (26,8 sagat), Norwegiýada (27,1 sagat) we Awstriýada (28,4 sagat) hasaba alnandygy anyklandy.

Şol bir wagtyň özünde, iň uzyn iş hepdesi Butanda (54,5 sagat), Sudanda (50,8 sagat), Lesotoda (50,2 sagat), Kongoda (48,7 sagat), BAE-de (48,4 sagat) we San-Tome we Prinsipide (48,2 sagat) hasaba alyndy.

# IŇ ULY ŞÄHERLERI BIRLEŞDIRJEK DEMIR ÝOL

**Sagatda 250 kilometr tizlige ýetmäge ukyply «Velaro» otlusynyň täze görnüşi Müsürde geçirilen sergide ilkinji gezek köpçülige görkezildi. Bu otly Müsürde işe girizilip, ýolagçylaryň we möhüm ýükleriň daşalmagyny çaltlandyrar. Bu otlularyň käbiri Müsüriň iň uly şäherlerini üç ugur bilen birleşdirjek 2 müň kilometrlik ýokary tizlikli ulgamda ulanylar. Maglumatlara görä, ol**



**ilatyň tas 90 göterimine elýeterli bolar we syýahat wagtyny 50 göterime çenli azaldar. Taslama «Arab Contractors» we «Orascom Construction» kompaniýalary bilen hyzmatdaşlykda amala aşyrylar.**

**Otly Müsüriň gazaply çöl howasynda hereket etmek üçin niýetlenip, çägeden, yssydan we tozandan goranmak üçin ösen süzgüç hem-de sowadyjy ulgamlar bilen enjamlaşdyrylan. Müsüriň ýokary tizlikli demir ýol ulgamy yklymda ilkinji däldir. Çünki 2018-nji ýylda Marokko Tanžer we Kasablanka şäherlerini birleşdirýän Afrikanyň ilkinji ýokary tizlikli demir ýoluny gurdy.**

**Afrikada beýleki ýokary tizlikli demir ýol taslamalary hem işlenip düzülýär. Mysal üçin, Nigeriýa Lagos bilen Port-Harkorty birleşdirýän 60 milliard amerikan dollarlyk, 4 müň kilometrlik ýokary tizlikli ulgamy gurmagy maksat edinýär. Gurluşygy «De-Sadel Nigeria Limited» kompaniýasy alyp barar. «De-Sadel» kompaniýasynyň baş direktory De-Sadel Semýuel Uko ilkinji 1700 kilometrlik bölegiň üç ýylyň dowamynda tamamlanyp biljekdigini aýtdy.**

**Afrika Bileleşiginiň ýokary tizlikli demir ýol boýunça uzak möhletli maksatlary hem bar. Afrika Bileleşigi, eger taslama üstünlikli amala aşyrylsa, ýokary tizlikli demir ýol özüniň ulag çykdajylaryny 40% azaldyp biler diýip hasaplaýar. Şeýle-de bileleşik demir ýoluň geljek onýyllyklarda Afrikanyň içindäki söwdany 15 göterimden 50 göterime çenli ýokarlandyrmaga ýardam berer diýip çaklaýar. Afrikanyň integrasiýalaşdyrylan ýokary tizlikli demir ýol ulgamy 2023-nji ýylda ilkinji tapgyryny durmuşa geçirdi. 10 ýyllyk tapgyr baş meýilnamalaşdyryş we demir ýol geçelgeleri arkaly esasy şäherleri birleşdirmegiň iň gowy usuly boýunça barlaglary, şeýle hem 17 synag taslamasyny kesgitlemek işlerini öz içine aldy.**



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# IŇ ÇALT YLGAÝAN TOHUM ITLER

**Janly-jandarlaryň arasynda iň çalt ylgaýany geçigaplaň hasaplanýar. Gara menekli sargylt pişigiň sagatdaky tizligi 130 kilometre ýetýär. Iň haýal jandar bolsa deňiz anemony bolup, silindr şekilli, ýumşak bedenli bu deňiz jandary 100 ýyla çenli ýaşaýar. Adamlar tarapyndan dürli ýyllarda awçylyk, poçta hyzmaty, tebigy şertlerde ilkinji kömek bermek we gorag maksady bilen itleriň dürli tohumlary seçilip alynýar. Itiň adaty görnüşinden tapawutlylykda bu tohum itler berdaşly bedeni, ys alyjylygy we çalt ylgamagy bilen tapawutlanýar. Gazetimiziň şu sanynda sizi iň çalt ylgaýan tohum itler bilen tanyşdyrmagy makul bildik.**

**Greýhaund.** Tohum itleriň iň çalt ylgaýany greýhaund bolup, inçeden uzyn bedenli bu itiň sagatdaky tizligi 72 kilometre ýetýär. Iňlis tazysy ady bilen tanalýan itiň bu görnüşiniň kellesi kiçijik, aýaklary we guýrugy uzyn, göwresi bolsa hor bolýar. Angliýada aw awlamak maksady bilen ideдilýän bu itler tazy ýaryşlarynda öňdäki orny eýeleýär. Käbir ýerde iňlis tazysy öýdeçi it hökmünde hem saklanýar. Agramy 40 kilograma çenli ýetýän greýhaundlar 10-14 ýyla çenli ýaşaýar.



**Salýuki.** Bir wagtlar çarwa taýpalar tarapyndan seçilip alnan bu tohum itiniň sagatdaky tizligi 67 kilometre ýetýär. Uzyn salpy gulagy we geçiniň çöpürine meňzeş tüý örtügi bolan tohum itiniň bu görnüşine başgaça arap owlagy ýa-da pars owlagy hem diýilýär. Owlaga meňzeş bu it iki görnüşe bölünýär. Salýukiniň barmagyndan başlap gulagynyň ujuna çenli uzyn tüýi bolan görnüşine hadba, gytyk tüýli (tüýsüz) görnüşine bolsa hoss diýilýär. Tohum itiniň bu görnüşiniň agramy 20 kilograma ýetýär. Ösen ys alyş ukybyna eýe bolan bu itler ýiten zatlary tapmakda hem peýdalanylýar. Salýuki 16-18 ýyl ýaşaýar.



**Owgan borzaýasy.** Ýüpek ýaly uzyn tüý örtügi we ujy egrelip duran tegelek guýrugy bilen tapawutlanýan tohum itiniň bu görnüşi sagatda 64 kilometr tizlikde ylgap bilýär. Bu itler aw awlamak we dowarlary ýyrtyjylardan goramak maksady bilen Owganystanyň dag eteklerinde idedilýär. Boýy 61-74 santimetre, agramy 20-27 kilograma ýetýän owgan borzaýasy eýesinden başga adamyň buýrugyny ýerine ýetirmeýär. Adama kynlyk bilen öwrenişýän bu itler uzakdaky zatlary hem çaltlyk bilen saýgarýar. Owadan itiň gara, gök, goňur, gyzyl we sargylt tüýli görnüşleri bar.



**Wyžla.** Wengerler tarapyndan seçilip alnan tohum itiniň bu görnüşiniň sagatdaky tizligi 64 kilometre ýetýär. Amerikan buldogyna meňzeşräk bu it maşgalanyň wepaly goragçysy hasaplanýar. Ählisi gyzgylt reňkde bolýan bu itler aw awlamak we yz çalmak üçin hem ulanylýar. Wyžlanyň boýy 58-69 santimetre, agramy 20-30 kilograma ýetýär.



**Jek-rassel-terýer.** Angliýada tilkileri awlamak maksady bilen seçilip alnan kiçijik tohum itiniň sagatdaky tizligi 61 kilometre ýetýär. Awstraliýada hem aw etmek maksady bilen idedilýän bu itiň boýy 30 santimetre, agramy 7 kilograma ýetýär. Kellesinde gara ýa-da sary tegmilleri bolan jek-rassel-terýer dünýäniň köp ýerine ýaýran tohum iti hasaplanýar. «Öý haýwanlarynyň gizlin durmuşy» (The Secret Life of Pets) multfilmine tomaşa eden bolsaňyz, animasiýadaky baş gahryman Maks tohum itiniň jek-rassel-terýer görnüşine degişlidir.



**Dalmatin.** Owadan alabeder reňki bilen görenleri haýran galdyrýan tohum itiniň sagatdaky tizligi 59 kilometre ýetýär. Horwatiýada seçilip alnan bu itleriň asly Balkan ýarym adasyndaky Dalmasiýa sebitinden gelip çykýar. Howa şertlerine çydamly, uzyn aýakly we berdaşly göwresi bolan dalmatiniň boýy 60 santimetre, agramy 32 kilograma ýetýär. Dalmatinler, esasan, öýi we fermany goramak, açyk meýdanda atlary ýyrtyjylardan halas etmek, awçylyk maksatlarynda peýdalanylýar.



**Doberman.** XIX asyryň ahyrynda Germaniýanyň Apolda şäherinde seçilip alnan berdaşly itiň sagatdaky tizligi 51 kilometre ýetýär. Boýy 68-72 santimetre, agramy 40-45 kilograma ýetýän gaharjaň it akylly bolup, çeýeligi we çaltlygy bilen tapawutlanýar. Guýrugy keltejik bu itler keýerip duran gulagyny hemişe dik saklaýarlar. Dobermanyň ählisiniň tüýi gara bolup, gulagynda, eňeginde we aýagynda goňrumtyl tegmilleri bolýar. Dobermanlar aňtaw işlerinde we gorag hyzmatynda peýdalanylýar.



# Bedeniňizde C witamini ýeterlikmi?!

**C witamini bedeniň esasy zerurlyklarynyň biri hökmünde tapawutlanýar. Immuniteti güýçlendirýän, deriniň täzelenmegine we energiýany ýokarlandyrmaga ýardam edýän bu witamin antioksidantlaryň çeşmesi hasaplanýar. Limon, mandarin, apelsin, greýpfrut, bergamot, kamkat ýaly sitrus miwelerinde C witamininiň köp bölegi saklanýar. Mundan başga-da, ýertudana, kiwi, ananas ýaly miwelerde, gyzyl burç, brokkoli, pomidor ýaly gök önümlerdir ter otlarda hem C witamini bar. Bedende bu witamininiň ýetmezçiligi saglyk bilen bagly çynlakaý kynçylyklary döredip bilýär. Esasan hem, howanyň sowuk günlerinde C witaminine baý miweleri yzygiderli iýmek, beden üçin gerekli mukdarda bu witamini almak zerur bolup durýar. Geliň, C witamininiň peýdaly taraplary bilen tanyş bolalyň!**

- ☑ C witamini bedeni gurplandyryp, ýokançlyklara garşy durujylygy ýokarlandyrýar we sowuklama, dümew alamatlaryny aňsatlyk bilen ýeňip geçmäge kömek edýär.
- ☑ Bu witamin bedende deri, süňkler we birleşdiriji dokumalar üçin zerur bolan kollagen öndürmekde möhüm orun eýeleýär.
- ☑ C witamindäki antioksidantlar öýjükleriň zaýalanmagynyň öňüni alyp, garramak alamatlaryny gijikdirýär we bedeni erkin radikallaryň täsirinden goraýar.



- ☑ Bedende demriň siňdirilmegini ýokarlandyryp, ganazlyk howpuny aradan aýyrýar.
- ☑ Bilermenler ýokary gan basyşy bilen ýüzbe-ýüz bolýan adamlara C witamine baý sitrus miweleri yzygiderli iýmegi maslahat berýärler. C witamini gan damarlaryny gowşadyp, ýokary gan basyşynyň täsirini azaldýar.
- ☑ C witamini holesteriniň derejesini peseldip, ýürek kesellerinden goranmaga ýardam edýär.
- ☑ Uzakly günüň ýadawlygyny aýyrmakda C witamininiň täsiri diýseň uludyr. Agşamyna, esasan hem, gyş paslynda limonly çaý içmek energiýany dikeltmäge we ýadawlygy azaltmaga ýardam edýär.

**C witamininiň ýetmezçiliginiň alamatlary:**

- C witamini ýetmezçilik edende beden energiýa öndürmekde kynçylyk çekip, ýadawlyk we gowşaklyk alamatlary ýüze çykyp başlaýar.
- Bedeniň immunitet ulgamy gowşap, ýokançlyklar bilen göreşmek ukyby peselýär. Netijede, ýygy-ýygydan sowuklama ýa-da dümewleme ýaly alamatlar ýüze çykýar.
- C witamininiň ýetmezçiligi deriniň guramagyna, çişmegine we käbir ýaralaryň döremegine sebäp bolýar.
- Askorbin turşulygy ýeterlik derejede kabul edilmedik ýagdaýynda diş etinde agyrylar döräp bilýär.
- C witamini ýeterlik bolmadyk adamlarda bedeniň alyş-çalşygy kadaly işlemeýär. Netijede, horlanmak we işdäňi ýitirmek ýaly alamatlar ýüze çykýar.
- Bu witamini gerekli derejede kabul etmezlik bogunlarda agyrynyň döremegine, ganazlyk alamatlarynyň döremegine getirip bilýär.

# Naýkanyň hrustal gowagy

2000-nji ýylda Meksikanyň Naýka şäheriniň golaýyndaky dagyň düýbünde tunnel gazyjylar garaşylmadyk ýagdaýda täsin gowagyň üstünden bardylar. Tunnel gazyjylar ullakan ak hrustal daşlary bilen bezelen gowaga girenlerinde birbada gözüne ynanmaýarlar. Uzynlygy 109 metre ýetýän hrustal gowagyň içinde sallanyşyp duran ak daşlaryň iň ulusynyň uzynlygy 12 metre, diametri 1 metre ýetýär. Magdançylaryň el çyralaryna şöhle saçyp duran gymmat bahaly daşlar gowagyň ähli ýerinde bar. 290 metr ýeriň çuňlugynda ýerleşýän hrustal gowak guşuň höwürtgesine meňzeş şekile eýedir. «Industrias Peñoles» magdançylyk kompaniýasy tarapyndan özleşdirilýän gowagyň ýokarsyndaky dagdan gurşun, sink, kümüş ýaly elementler hem gazylyp alynýar bar.



Alymlaryň pikiriçe, 26 million ýyl mundan ozal Meksikanyň günortagündogarynda bolup geçen wulkan hadysasyndan soň, magma gatlagynyň mineral suw (kalsiý sulfat) we hek (selenit) bilen täsirleşmegi netijesinde hrustal gowak emele gelipdir. Göwrümi 5-6 müň kub metre barabar bolan hrustal saklanýan bu gowak dünýäniň iň uly hrustal gory hasaplanýar. Hrustal gowagyň umumy temperaturasy ortaça 56 derejede saklanýar. Hrustaldan, esasan, gap-gaçlardyr gymmat bahaly şaý-sepler ýasalýar.

## ÇAGALAR

**Grenlandiýa akulasy iň uzak ýaşaýan oňurgaly jandar hasaplanýar. Uzynlygy 7,5 metre çenli ýetýän äpet balyk 400 ýyl töweregi ýaşaýar.**

*(Tymsal)*



# Gar ýaly ak kagyz

**Gar ýaly ak kagyz şeýle diýen:**

**– Meniň ýaradylyşym päk, şoňa görä-de, hemişe päkligime galaryn. Men özümi haýsydyr bir gara ýa-da hapa zada dözenimden, oda taşlanyp, küle dönenim gowudyr. Meni ellemeg-ä beýle-de dursun, hatda golaýyma bir gelip görsünler.**

**Kagyzyň bu sözlerini eşiden syýa çüýşe oňa mys-mys gülüpdir, ýöne oňa golaýlaşmaga gaýraty çatmandyr. Onuň bu gürrüňlerini reňkli galamlar hem eşidipdir, ýöne olar hem onuň golaýyna barmaga ýürek edip bilmändirler.**

**Şeýlelikde, gar ýaly ak kagyz hemişelik päkizeligine galyp, boşlugyna duruberipdir.**

**Bu tymsalyň üsti bilen daş-töweregiňdäkilere mylakatly bolmalydygy, olar bilen gatnaşyk saklamalydygy we kynçylyklardan gorkmaly däldigi beýan edilýär.**

# WAGT OLARA TÄSIR ETMEÝÄR

**Dünýäde käbir jandarlar näçe ýyllar geçendigine garamazdan, şol bir durkunda saklanýar, ýagny olara wagt täsir etmeýär. Iň uzak ýaşaýan jandarlaryň sanawynda deňiz jandarlary we süýrenijiler öňdeligi eýeleýär. Eýsem, «Dünýä ömürlik gelen ýaly» diýilýän bu jandarlar haýsylarka?! Geliň, olaryň käbiri bilen tanyş bolalyň!**



**«Turritopsis dohrnii».** Ylmy dünýäde «ölmez meduza» ady bilen tanalýan deňiz jandarynyň bu görnüşi Ortaýer deňziniň ýyly suw akymlarynda ýaşaýar. Bu jandar garrap başlanda öýjüklerini ýaşlygyndaky ýaly täzeden dikeldýär. Başgaça aýdylanda, meduzanyň bu görnüşi garran wagty ýaşamaga täzeden başlaýar. Alymlar bu ýagdaýy transdiferensiýa (öýjükleriň öz-özüni gaýtadan dikeltmegi) diýip atlandyrdylar.



**Galapagos pyşbagasy.** Galapagos adalaryndaky äpet pyşbagalar 150 ýyldan ýokary ýaşy bilen tapawutlanýar. Pyşbagalaryň iň ýaşy ulusy şu ýyl 192 ýaşan Jonatan hasaplanýar. Keramatly Ýelena adasynda ýaşaýan bu pyşdyl gury ýer jandarlarynyň iň garrysy hasaplanýar. Pyşbagalaryň öýjüginiň täzelenmegi örän haýal bolsa-da, üznüksiz ösüşde bolýar.



**Grenlandiýa akulasy.** Arktikanyň çuň suwlarynda ýaşaýan Grenlandiýa akulasy iň uzak ýaşaýan oňurgaly jandar hasaplanýar. Akulanyň bu görnüşi 400 ýyla çenli ýaşap bilýär. Grenlandiýa akulasynyň bedeni haýal alyş-çalşyga we öýjükleriniň ösen dikeliş ulgamyna eýedir. Uzynlygy 7,5 metre çenli ýetýän äpet balyk ownuk balyklar we deňiz guşlary bilen iýmitlenýär. Sowuk suwda ýaşaýan Grenlandiýa akulasy haýal ýüzýändigi bilen tapawutlanýar.



**Tuatara.** Gury ýerde ýaşaýan hažžygyň iň uzak ýaşaýany tuatara hasaplanýar. 60 ýyldan 100 ýyla çenli ýaşaýan bu süýrenijiler örän haýal ösüşe eýe bolup, 15 ýaşda kämillige ýetýär. 111 ýaşyndaky Genri atly tuatara süýrenijileriň iň garrysy hasaplanýar. Bu süýreniji Täze Zelandiýanyň Kwins seýilgähinde adamlaryň gözegçiliginde idedilýär.

# Bu ösümligi gördüňizmi?

Paýtagtymyz Aşgabatda seýilgähleriň we tokaý meýdanlarynyň sany ýylsaýyn artýar. Seýilgählerde tut, çynar, leýlisaç, arça bilen bir hatarda, akasiýa, klýon, pawlowniýa ýaly beýleki agaçlar hem ekilýär. Şäherde ekilýän bezeg agaçlarynyň biri hem pirakanta bolup, owadan ak güli, alma şekilli kiçijik miwesi bilen tebigatyň gelşigini artdyrýar. Pirakanta Gündogar Aziýada we Günorta Ýewropada giňden ýaýran gyrymsy agaç bolup, onuň 10 görnüşiniň bardygy aýdylýar. Boýy 3 metre çenli ýetýän hemişe gök öwüsýän bu gyrymsy agajyň şahalary tikenli bolýar. Mart-maý aýlarynda gülleýän pirakantanyň sentýabr-noýabr aýlarynda hasyly ýetişýär. Bu ösümligiň gyzyl, sarymtyl-mämişi miwesiniň hoşboý ysy we özboluşly tagamy bolýar. Oňa Ýewropada «ömri halas ediji däne» ýa-da «fakel miwesi» hem diýilýär.



Pirakantany islendik toprak şertine çalt uýgunlaşýandygy sebäpli ekerançylyk ýerleri bilen bir hatarda, daşly hem-de çölleşen toprakda ekip bolýar. Kökünde we baldagynda peýdaly maddalary saklaýan bu ösümlik ýeri baýlaşdyrýar. Kiçijik alma irki döwürlerden bäri halk lukmançylygynda ulanylyp gelinýär. Pirakanta miwesi diş agyryda, immuniteti güýçlendirmekde we böwregi arassalamakda peýdalanylýar. Ownujak gyzyl we sary miweler guşlar üçin hem iýmit bolup hyzmat edýär.

## Haýsy jandar nirede ýaşaýar?



## Şekilli sudoku

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



## Labirint



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## 7 tapawudy tapyň!



## Gyzykly pursat



# Jaý ussasy

Gurluşyk edaralarynyň birinde tejribeli jaý ussasy işleýärdi. Hünäriniň hakyky eýesi bolan bu ussanyň köp ýyllyk tejribesine we hünär ussatlygyna başlygy hemde işdeş ýoldaşlary ýokary baha beripdir. Ömrüniň köp bölegini jaý gurmak bilen geçiren bu adam bilen bäsleşip biljekler az eken. Emma jaý ussasy bir gün garrapdyr, zähmetli ýyllar onuň ýüzünde ýygyrtlary emele getiripdir. Bir günem ol gurluşyk işini bes edip, asuda durmuşda ýaşamaly diýen karara gelýär.

– Başlyk, ýaşym bir çene bardy, men dynç alaýsam diýýärin. Indi men maşgalamyň arasynda bolup, asuda durmuşda ýaşaýyn – diýip, ol başlygyna ýüzlenipdir. Hünärine ökde ussanyň işinden gidýändigine örän gynanan başlygy oňa ýüzlenip şeýle diýipdir:

– Bolýa, beýle bolsa, iň soňky jaýy gurmaga hem kömek ediň, onsoň sizi oňatja sylag-serpaý bilen dynç alşa ugradarys.

Ussa razylaşypdyr. Taslama görä, täze jaý uly bolmadyk maşgala üçin niýetlenen eken. Şeýlelikde, ylalaşyklar, ýer ölçeg işleri we beýleki barlaglar başlanypdyr. Jaý ussasy gyssanmaç işe girişipdir, sebäbi ol hyýalynda eýýäm dynç alyşda gezip ýören adamdy. Ol nämedir bir zatlary doly gutarman goýupdyr, başga bir zady bolsa ýönekeýleşdiripdir, tizräk dynmak üçin käbir serişdeleriň hiline hem seredip durmandyr. Ol öňküsi ýaly işe çynlakaý çemeleşmeýändigini duýupdyr, ýöne ol bu ýagdaýy özüniň iň soňky işidigi bilen aklapdyr.

Garry ussa ähli işler tamamlanandan soň, täze salnan jaýa baha bermek üçin başlygyny çagyrypdyr. Ol jaýy gözden geçirip, şeýle diýipdir:

– Bilýäňizmi, bu jaý siziň özüňiziňki. Ine, açary, alyň-da içeri giriň! Jaýyň ähli resminamalary eýýäm taýýarlandy. Bu jaý siziň köp ýyllyk hyzmatyňyz üçin toparymyzyň size sowgady – diýipdir.

Jaý ussasynyň aňyndan nämeleriň geçendigi diňe onuň özüne belli bolup, utanjyndan gyzarypdyr, işdeşleriniň hemmesi oňa el çarpypdyr, ony täze jaýy bilen gutlapdyrlar. Ol biperwaýlyga ýol berendigi üçin öz ýanyndan ökünipdir. Indi ýol berlen kemçilikleriň ählisiniň özüne zyýan boljakdygyny bilipdir. Emma onuň töweregindäkiler bu gymmat bahaly sowgada nähili hoşallygyny bildirjegini bilmän, oňaýsyz ýagdaýa düşendir öýdüpdirler. Indi




jaý ussasy yhlas siňdirmän guran jaýynda özi ýaşamalydy.

Bu tymsalyň esasy manysy şeýle: biz ähli berjaý edýän zadymyzy özümiz üçin edýäris. Işiň hili biziň özümize peýda ýa-da zyýan bolup gaýdyp gelýär. Şol sebäpli kim üçin işleýändigiňe ýa-da näme iş edýändigiňe garamazdan, işiňi hemişe arassa wyždanyň bilen ýerine ýetirmeli. «Başgalar üçin» ýa-da «soňky gezek» diýip, sowuk-salalyk bilen berjaý edilen iş ahyrsoňy öz zadyňa öwrülip biler. Şol sebäpli islendik işi ak ýürekden, talabaýyk we höwesli ýerine ýetirmäge çalyşmaly.

**Aýjeren PUDAKOWA,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň talyby.*

# Dünýäde iň köp kitap okalýan ýurtlar

Amerikanyň Birleşen Ştatlary dünýäde iň köp kitap okalýan ýurtdur. «World Population Review» portalynyň maglumatlaryna görä, her bir amerikaly ýylda ortaça 357 sagadyny okamaga sarp edýär, bu bolsa 17 kitap okamaga deňdir. Hindistan ikinji orunda (16 kitap we 352 sagat) bolup, ondan soň Beýik Britaniýa (15 kitap we 343 sagat) gelýär.



| | | Annual Books Read | Yearly Reading Hours |
|---|---|---|---|
| 1 | UNITED STATES | 17 | 357 |
| 2 | INDIA | 16 | 352 |
| 3 | UNITED KINGDOM | 15 | 343 |
| 4 | FRANCE | 14 | 305 |
| 5 | ITALY | 13 | 278 |
| 6 | CANADA | 12 | 232 |
| 7 | RUSSIA | 11 | 223 |
| 8 | AUSTRALIA | 10 | 217 |
| 9 | SPAIN | 9 | 187 |
| 10 | NETHERLANDS | 8 | 182 |

Fransiýa we Italiýa degişlilikde, dördünji we bäşinji orunlary eýelediler. Altynjy orunda Kanada bolup, bu ýurduň ýaşaýjylary ýylda 232 sagat (12 kitap) kitap okaýarlar. Ýedinji orunda bolsa ýylda 223 sagat we 11 kitap görkezijisi bilen Russiýa gelýär. Awstraliýa, Ispaniýa we Niderlandlar ilkinji onluga girdiler.

**Rozagül DÖWLETOWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Bagtyýarlyk etrabynyň kitaphana şahamçasynyň müdiri.*

# Buker baýragyna mynasyp boldy

Asly wengriýaly britan ýazyjysy Dewid Soloý «Syna» (Flesh) romany üçin 2025-nji ýylyň Buker baýragyna mynasyp boldy. Emin agzalarynyň başlygy Roddi Doýl komitetiň hiç haçan şeýle üýtgeşik esere gabat gelmändigini belläp, romana gaýgy-hasratly, ýöne özüne çekiji eser hökmünde baha berdi.

Bu romanda Iştwan atly erkek kişiniň Wengriýada geçiren ýaşlygyndan Londonyň ýokarky jemgyýetine gelşine çenli geçen durmuş ýoly beýan edilýär.

Soloý Londonda guralan dabarada 50 müň funt sterling möçberindäki baýragy aldy. Ýazyjynyň bu eseri soňky tapgyrda Endrýu Milleriň we Kiran Desainiň romanlaryndan öňe saýlandy. «Syna» mart aýynda çap edileninden bäri köp sanly okyjylary özüne çekdi. Esere baha beren ýazyjy zenan Zedi Smitiň aýtmagyna görä, käbir ýazyjylar öz gahrymanlaryna örän çylşyrymly içki durmuşy siňdirýärler, ýöne Soloý öz başyna gelen wakalar barada az pikir edýän, şonuň üçin hem has realistik görünýän baş gahrymany döretmäge tagalla edipdir.

51 ýaşly Soloýyň häzire çenli birnäçe kitaby çap edildi. Olaryň arasynda «London we Günorta-Gündogar», «Turbulentlik» we «Ähli adamlar» ýaly kitaplar bar. Soloý bu baýragy alan ilkinji britan-wenger




ýazyjysy boldy, emma wengriýaly başga bir ýazyjy Laslo Krasnahorkai 2015-nji ýylda halkara Buker baýragyna mynasyp bolupdy. Krasnahorkai geçen aý edebiýat boýunça Nobel baýragyna hem eýe boldy.

Buker baýragy her ýyl Beýik Britaniýada ýa-da Irlandiýada neşir edilen iňlis dilindäki iň gowy kitap üçin berilýär. Geçen ýyl bu baýraga britan ýazyjysy Samanta Harwi «Orbitada» atly romany üçin mynasyp bolupdy.

# Gonkur baýragynyň eýesi

Fransiýanyň iň abraýly edebiýat baýragy Gonkur baýragyna şu ýyl «Boş öý» (La Maison vide) romany üçin Loran Mowinýe mynasyp boldy. Mowinýe emin agzalarynyň köpüsiniň sesini alyp, beýleki dalaşgärlerden öňe saýlandy.

58 ýaşly Mowinýe 1999-njy ýylda çap edilen ilkinji romany «Olardan uzakda» (Loin d'eux) we 2006-njy ýylda çap edilen bäşinji romany «Üýşmeleňde» (Dans la foule) bilen uly meşhurlyk gazanypdy. Onuň «Fnac» baýragyna mynasyp bolan «Üýşmeleňde» atly romany iň meşhur eserleriniň biri hasaplanýar.

Mowinýeniň 750 sahypadan gowrak «Boş öý» romanynda maşgala agzalarynyň gözi bilen XIX asyryň ahyryndan Ikinji jahan urşundan soňky döwre çenli ata-babalarynyň başyndan geçiren wakalary barada gürrüň berilýär. Kitap eýýäm «Le Monde» edebi baýragyna, «Landerneau» okyjylar baýragyna we «Nensi» kitap satyjylarynyň baýragyna mynasyp boldy.

Geçen ýyl Gonkur baýragyna «Huris» romany üçin Kamel Daud mynasyp bolupdy.

Bu baýrak fransuz ýazyjylary – doganlar Edmon de Gonkuryň we Žýul de Gonkuryň adyny göterýär. Edmon de Gonkuryň wesýetnamasy bilen 1900-nji ýylda doganlar Gonkuryň Akademiýasy döredilýär we 1903-nji ýylda ilkinji Gonkur baýragy gowşurylýar. Baýrak akademiýanyň 10 agzasynyň ses bermegi bilen her ýyl Parižiň «Drouant» restoranynda gowşurylýar.

Gonkuryň eýesine berilýän pul baýragy simwoli-




ki häsiýete eýe bolup, bary-ýogy 10 ýewrodan ybaratdyr. Bu baýraga mynasyp bolmak uly tiraž bilen eserleriňi çykarmaga, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde mahabatyňy ýetirip, kitabyň has köp satylmagyna ýardam berýär. Akademiýanyň düzgünnamasyna laýyklykda, Gonkur baýragy ýylyň iň gowy we iň çeper proza eseriniň awtoryna gowşurylýar.

**Soltangül KAKABAÝEWA,**
*Daşoguz şäherindäki 12-nji orta mekdebiň mugallymy.*

# Paýhaslar

☑ Almaga ökde, bermäge çökder adam betbagtdyr. Alşy ýaly berip bilýän adam bagtlydyr.
***Rudaki.***

☑ Duşmanyňdan ar almagyň iň gowy täri oňa meňzemezlikdir.
***Mark Awreliý.***

☑ Dünýäniň birnäçe kämil adamlary özüne ynamy bolmandygy üçin üstünlikden mahrum bolýarlar.
***Sidneý Smit.***

☑ Bal hödür eden däl-de, ýüzüňe hakykaty aýdan adam dostuňdyr.
***Nemes nakyly.***

☑ Kim özüne sarpa goýmaýan bolsa, ol betbagtdyr, özünden razy adam bolsa akmakdyr.

☑ Dostuňy başyňa iş düşende tanarsyň diýýärler. Ýöne olary bagtly günleriňde-de tanap bolýar.
***Çingiz Aýtmatow.***

☑ Ýönekeý bir adamyň elinden gelenini etmäge tagalla etmegi, akylly bir adamyň ýaltalygyndan peýdalydyr.
***Saady Şirazy.***

☑ Dostuňy hem duşmanyňy üç zatda – uzak ýolda, hasratda we hassa wagtyň tanap bolar.
***Gündogar pähimi.***

☑ Kim çyny bilen ýamanlygy ýigrenmeýän bolsa, onda ol ýagşylygy hem çyny bilen söýýän däldir.
***Romen Rollan.***

☑ Ýagşylyk edenden boljak bolmaklyk ýaly erbet zat ýokdur.
***Lew Tolstoý.***

☑ Näme diýsem baş atyp, bada-bat ylalaşýan, maňa görä pikirini üýtgedýän dost maňa gerek däl. Çünki meniň kölegämem muny gowy başarýar.
***Plutarh.***

☑ Kimem bolsa biri hakykatdan ýüz öwürýän bolsa, munuň üçin hakykat däl-de, onuň özi horluk çeker.
***Galileo Galileý.***

☑ Öz diliniň näme diýýänine esewan bolmaýan adamyň ýanynda hakykat ýokdur.
***Mahatma Gandi.***

☑ Watandan aýrylan adam tohumsyz topraga meňzeýär.

☑ Batyry jeň, danany gahar-gazap, dosty mätäçlik synagdan geçirýär.
***Arap nakyly.***



## 59-njy KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Arylaryň gülleriň şiresinden taýýarlaýan süýji iýmiti. **2.** «Giç ýat-da ir tur, alty pişegi artyk ...» (nakyl). **3.** Tansyň bir görnüşi. **4.** «Kilogram» ölçeg birliginiň gysga aňlatmasy. **5.** Italiýanyň milli awiakompaniýasy. **6.** Ümlük. **7.** Nota. **8.** Uzak. **9.** Kükürt oksidi. **10.** Amerikan aktrisasy ... Mason. **11.** «... bir söz bes, akmaga müň söz hebes» (nakyl). **13.** «Uzatsam aýak ýetmez» (matal). **14.** Sorag çalyşmasy. **16.** Ýerliksiz. **18.** Anyk, aýan. **22.** Hakykatçy, dogruçyl. **25.** Şotlandiýanyň uly, çuň süýji suwly köli. **26.** Iordaniýanyň günorta-günbatar bölegindäki çölde ýerleşýän meşhur arheologik ýadygärlik. **27.** Senegalda bir köl. **29.** Oglan ady. **30.** «Ertir gidýär, agşam gelýär» (matal). **31.** Aýal dogan, uýa. **33.** «Gulak» sözüniň iňlisçesi. **36.** Mal, süri bakýan adam **38.** Urulýan urgy, edilýän hüjüm. **40.** Oglan ady. **42.** «... bir, maza iki» (nakyl). **45.** Bir zadyň çeşmesi, düýp. **47.** Sazaga meňzeş agaç. **48.** Gerden. **51.** Russiýanyň döwlet dili. **52.** Iýmit önümi. **53.** Togalak geometrik şekil. **54.** «Jeňňel kitaby» hekaýalar ýygyndysyndaky bir gahryman. **56.** Ses faýl formaty. **57.** «Nýu-Ýork» şäheriniň gysga aňladylyşy. **59.** «Disproziý» himiki elementiniň gysga aňladylyşy. **60.** Döwrebap aýdym-saz stili.

● **KESELIGINE:** **1.** Günbatar Afrikada bir döwlet. **11.** Agaç, bag. **12.** Günorta Hytaý deňziniň Tonkin aýlagy. **14.** ...-ahwal, ýagdaý. **15.** Kaka (köne söz). **17.** Awstriýa Respublikasynyň halkara kody. **19.** Çilili şahyr ... Oskar. **20.** Baglaýjy kömekçi. **21.** Perzent, bala. **23.** Ahal welaýatynda bir etrap. **24.** Sürä, çekenä goşulýan malyň gulagyna ýarag bilen edilen bellik. **28.** Çörek. **30.** Gyz dogan. **32.** Senagat pudagynda ulanylýan ýumşak ak daş. **34.** Eti gaýnadylyp bişirilenden soň, çorbasyna atylan jöwen belkesi çykarylyp, üstüne gaýnan et böleklenip goýlup, çorbasy aýratyn içilýän nahar. **35.** Dürli öwüşginli oksidler gatlagy. **36.** Sypaty güýçlendirýän ownuk bölek. **37.** Agyry, ynjy. **39.** Ýyl hasabynyň ulgamy. **41.** Meşhur amerikan egin-eşik kompaniýasy. **43.** Süýji, tagamly. **44.** Ýyldyzlaryň biri. **46.** Ýeriň hemrasy. **49.** Sypat goşulmasy. **50.** Ýagty, şöhle. **52.** Juwan, ýigit. **54.** Gawundan taýýarlanýan önüm. **55.** Gyz ady. **58.** Sport egin-eşiklerini öndürýän meşhur kompaniýa. **61.** Garynjanyň bir görnüşi.

**Selbi ÖWLÝÄKULYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*










## 46-njy SKANWORD

**Amangül TOÝGELDIÝEWA,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*




## SÖZ GOÝMAK

**2 HARPLY:** In, re, ga, do, aş, ba, yk, as, üm, uz;

**3 HARPLY:** Aşa, del, çal, ala, dar, paç, Aly, gum, ada, hal, şem, gez, awy, uly, nar, ser, weç;

**4 HARPLY:** Ekin, ýaba, näçe, erik, alyn, kadr, kada, aryk, aşna, kerk;

**5 HARPLY:** ~~Abuna~~, araçy, perde, duman, çarwa, halka, Pekin;

**6 HARPLY:** Şerbet, nanbaý, Lusaka, serpaý;

**7 HARPLY:** Şanazar, şadyýan, kinesiz, arpagan, Sonagül, garabaş, kambala.

**Näzik ÝÜWRIKOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# Türkmenistanyň milli ýygyndysynyň nobatdaky ýeňşi

Aziýa Kubogy 2027 ýaryşynyň 3-nji saýlama tapgyrynyň çäginde «D» toparçada Türkmenistanyň milli ýygyndysy nobatdaky duşuşygyny geçirdi. Milli ýygyndymyz Arkadag şäherindäki «Arkadag» stadionynda Hytaý Taýpeýiniň ýygyndysyny kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýunda ildeşlerimiz 3-1 hasabynda ýeňiş gazandy. Janköýerleriň uly gyzyklanma bildiren oýnunda türkmen futbolçylary ilkinji bolup hasaby açdylar. Bu goly 13-nji minutda Teýmur Çaryýewiň pasyndan soň, Rahman Myratberdiýew geçirdi. Myhmanlar 1-nji ýarymyň ahyrynda, 45+2-nji minutda Anž Samueliň goly bilen hasaby deňlemegi başardy. Ýöne ildeşlerimiz 2-nji ýarymda has erjel oýun görkezdi. Duşuşygyň 53-nji minutynda Ybraýym Mämmedowyň pasy bilen Elman Tagaýew ildeşlerimizi öňe geçirdi. 79-njy minutda tapawutlanan Meýlis Diniýew oýna soňky nokady goýdy. Bu goluň pasyny hem Teýmur Çaryýew berip, ol duşuşygy 2 asist bilen tamamlady. Netijede, Türkmenistanyň milli ýygyndysy 3-1 hasabynda ýeňiş gazanyp, 1-nji basgançakdaky ornuny saklamagy başardy.



Toparçadaky beýleki oýunda Tailandyň milli ýygyndysy Şri Lankanyň ýygyndysyny 4-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

Toparçadaky 5-nji duşuşyklardan soň Türkmenistanyň hem-de Tailandyň milli ýygyndylarynyň 12 utugy bar. Gol aratapawudy boýunça tailandlylar öňde bolsa-da, ikiçäk oýunda ildeşlerimiz ýeňiş gazanandygy üçin toparçada 1-nji orunda barýar. 2026-njy ýylyň mart aýynda geçiriljek 6-njy duşuşyklardan soň toparçanyň ymykly ýeňijisi kesgitlener. Şonda ildeşlerimiz myhmançylykda Tailandyň ýygyndysy bilen duşuşar. Bu oýunda türkmen futbolçylaryna 2027-nji ýylda Saud Arabystanynda geçiriljek Aziýa Kubogyna gatnaşmak üçin deňlik hem ýeterlik bolar.

«C» toparçada myhmançylykda Hindistanyň ýygyndysyndan 2-1 hasabynda üstün çykan Singapuryň ýygyndysy Aziýa Kubogy 2027 ýaryşyna gatnaşmaga hukuk gazandy. Ol «E» toparçanyň lideri Siriýanyň ýygyndysyndan soň 3-nji saýlama tapgyryndan final tapgyryna ýollanma alan 2-nji topar boldy. Siriýanyň ýygyndysy oktýabr aýyndaky oýunlardan soň bu hukuga eýe bolupdy. «A», «B», «D» hem-de «F» toparçanyň gutarnykly ýeňijileri geljek ýylyň mart aýynda belli bolar.

# Möwsümi jemlän Sinner 6-njy kubogyny gazandy

Erkekleriň arasynda möwsümiň jemleýji ýaryşy «ATP Finals»-da çempion üýtgemedi. Italiýanyň Turin şäherinde geçirilen ýaryşyň finalynda 2-nji belgidäki italiýaly Ýannik Sinner bilen




ATP-niň sanawynda 1-nji orunda barýan ispaniýaly Karlos Alkaras duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýnuň 1-nji setinde ýer eýesi Sinner taý-brek esasynda 7:6 hasabynda ýeňiş gazandy. 2-nji setde bolsa 7:5 hasabynda üstün çykyp, bassyr 2-nji çempionlygyny baýram etdi. Şeýlelikde, iň gowy 8 tennisçiniň gatnaşmagynda 56-njy gezek geçirilen ýaryşda Ýannik Sinner 5 million 71 müň amerikan dollary möçberindäki pul baýragy bilen sylaglandy (Umumy baýrak gaznasy 15 million 250 müň amerikan dollaryna deň). Sinner 2023-nji ýylda finalda Jokowiçden asgyn gelip, geçen ýyl Teýlor Fritsi ýeňipdi.

Bu ýeňiş Sinneriň şu möwsümdäki 6-njy çempionlygy bolup, ol umumylykda 24-nji kubogyny asmana göterdi. Sinner şu möwsümde edil Karlos Alkaras ýaly 6 çempionlyk gazanmagy başardy. Sinnerden öň Nowak Jokowiç bilen Rojer Federer 2015-nji ýylda 8, Rafael Nadal 2007-nji we 2009-njy ýyllarda 7, Federer bilen Nadal 2006-njy ýylda 6 ýaryşda ýeňiş gazanypdy.

Sinner bilen Alkaras şu möwsümde 6-njy gezek finalda duşuşyp, şolaryň 2-sinde italiýaly tennisçi üstün çykdy («Wimbledon», «ATP Finals»).




| 21-nji noýabr (anna) |
|---|
| Nissa – Marsel (00:45) |
| Walensiýa – Lewante (01:00) |
| **22-nji noýabr (şenbe)** |
| Börnli – Çelsi (17:30) |
| **Spartak – SSKA (18:45)** |
| Wolfsburg – Baýer (19:30) |
| Borussiýa D – Ştutgart (19:30) |
| Bawariýa – Fraýburg (19:30) |
| **Liwerpul – N. Forest (20:00)** |
| Lans – Strasbur (21:00) |
| **Fiorentina – Ýuwentus (22:00)** |
| Barselona – Atletik (20:15) |
| **Nýukasl – Man. Siti (22:30)** |
| Napoli – Atalanta (00:45) |
| Le Hawr – PSŽ (01:05) |
| **23-nji noýabr (ýekşenbe)** |
| Kremoneze – Roma (19:00) |
| **Arsenal – Tottenham (21:30)** |
| Lokomotiw – Krasnodar (21:45) |
| Hetafe – Atletiko (22:30) |
| **Inter – Milan (00:45)** |
| Elçe – Real Madrid (01:00) |
| **24-nji noýabr (duşenbe)** |
| M. Ýunaýted – Ewerton (01:00) |

# ILKINJI GEZEK DÜNÝÄ KUBOGYNA GATNAŞAR

Geljek ýylyň tomsunda 23-nji FIFA Dünýä Kubogynyň geçiriljek yklymyndan ýer eýeleri 3 ýygyndydan başga ýene-de 3 milli topar wekilçilik eder. Olar KONKAKAF zolagynyň 3-nji saýlama tapgyrynyň toparçalarynda 1-nji orny eýelän Panamanyň, Kýurosaonyň hem-de Gaitiniň milli ýygyndylarydyr.

«A» toparçada Panamanyň ýygyndysy soňky duşuşygynda Salwadory 3-0 hasabynda ýeňip, utugyny 12-ä çykardy we 2018-nji ýyldan soň taryhynda 2-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazandy.

«B» toparçada myhmançylykda Ýamaýkanyň ýygyndysy bilen golsuz deňme-deň oýnan Kýurosaonyň milli topary taryhynda ilkinji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar. 155 müň töweregi ilaty bolan Kýurosaonyň milli toparyny soňky duşuşyga çenli meşhur tälimçi Dik Adwokat türgenleşdirdi. Ol maşgala ýagdaýy sebäpli häzirlikçe wezipesini taşlapdy. Kýurosao Dünýä Kubogy 2026-nyň 4-nji debýutanty bolar.

«C» toparçada-da garaşylmadyk ýygyndy, Gaitiniň milli topary Gondurasyň, Kosta Rikanyň



hem-de Nikaraguanyň ýygyndylaryny yzda galdyryp, 1974-nji ýyldan soň, ýagny 52 ýyllyk arakesmeden soň Dünýä Kubogynda çykyş eder.

Toparçalarda 2-nji ýeri eýelänleriň arasynda iň gowy ikisi – Surinam bilen Ýamaýkanyň ýygyndylary yklymlararasy pleý-off tapgyryna gatnaşarlar.

# Ilki Kamerunyň, soňra Nigeriýanyň ýygyndysyny ýaryşdan çykardy

Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama tapgyrynyň Afrika zolagy boýunça yklymlararasy pleý-off tapgyryna gatnaşjak topar belli boldy. Afrika zolagynyň pleý-off tapgyrynyň ýarym finalynda Nigeriýanyň ýygyndysy Gabonyň ýygyndysyny goşmaça wagtda 4-1 hasabynda ýeňdi (Adams 78, Ejuke 97, Osimhen 102, 110 – M. Lemina 89). Nigeriýanyň finaldaky garşydaşy Kongo DR-niň ýygyndy topary bolup, kongolylar ýarym finalda öňdebaryjy toparlardan Kamerunyň ýygyndysyny Mbemanyň 90+1-nji minutda geçiren ýeke-täk goly bilen 1-0 hasabynda utdy. Marokkonyň paýtagty Rabatda oýnalan Nigeriýa bilen Kongo DR-niň ýygyndylarynyň arasyndaky finalyň esasy wagty 1-1 hasabynda deňlikde tamamlandy (Onýeka – Elia 32). Goşmaça wagtda hasap üýtgemänsoň, ýeňijini 11 metrlik jerime urgulary kesgitledi. Netijede, Kongo DR-niň ýygyndysy 4-3 hasabynda üstün çykyp, ýaryşy



dowam etdirmäge hukuk gazandy. Kongo DR-niň ýygyndysy mart aýynda oýnaljak yklymlararasy pleý-off tapgyryna gatnaşar.

Aziýa zolagynyň 5-nji saýlama tapgyrynda BAE bilen Yragyň ýygyndylary yklymlararasy pleý-off tapgyryna çykmak üçin 2 duşuşyk geçirdi. Abu Dabide oýnalan 1-nji oýunda ýeňiş gazanan bolmady. 1-1 hasabynda deňlikde tamamlanan duşuşykda myhmanlardan Al-Hamadiniň 10-njy minutda geçiren goluna ýer eýeleri 18-nji minutda Luanzinionyň goly bilen jogap berdi. Jogap duşuşygy Yragyň Basra şäherinde geçirilip, ýer eýeleri 90-njy minutdan soň ýeňşini baýram etdi. Duşuşykda BAE-niň ýygyndysy Kaio Lukasyň 52-nji minutdaky goly bilen öňe saýlansa-da, yrakly futbolçylar Memeniň 66-njy hem-de Al Ammariniň 90+17-nji minutda 11-nji metrlik jerime urgusyndan geçiren gollary esasynda 2-1 hasabynda ýeňiş gazandy. Şunlukda, Yragyň ýygyndysy yklymlararasy pleý-off tapgyryna gatnaşar.

# ÝEWROPADAN 12 ÝYGYNDY BELLI BOLDY

Dünýä Kubogy 2026-nyň Ýewropa zolagy boýunça saýlama tapgyrynyň toparçalardaky duşuşyklary tamamlandy. Her toparçanyň lideri – Germaniýanyň, Şweýsariýanyň, Şotlandiýanyň, Fransiýanyň, Ispaniýanyň, Portugaliýanyň, Niderlandlaryň, Awstriýanyň, Norwegiýanyň, Belgiýanyň, Angliýanyň, Horwatiýanyň ýygyndylary nobatdaky gezek Dünýä Kubogyna gatnaşarlar. Toparçalarda 2-nji orny eýelänler – Slowakiýanyň, Kosowonyň, Daniýanyň, Ukrainanyň, Türkiýäniň, Irlandiýanyň, Polşanyň, Bosniýa we Gersegowinanyň, Italiýanyň, Uelsiň, Albaniýanyň hem-de Çehiýanyň ýygyndylary, şol sanda UEFA Milletler Ligasyndaky başarnyklary esasynda Şwesiýanyň, D. Makedoniýanyň, Rumyniýanyň, D. Irlandiýanyň ýygyndylary pleý-off tapgyryna gatnaşarlar. 2 duşuşykda ýeňiş gazanan 4 topar final tapgyryna çykar.

**«A» toparçada** öňdebaryjy Germaniýanyň ýygyndysy ilki myhmançylykda Lýuksemburgyň milli toparyny Woltemadeniň gollary bilen 2-0 hasabynda ýeňdi. Toparçadaky iň soňky duşuşykda bolsa germaniýaly futbolçylar Slowakiýanyň ýygyndysynyň derwezesinden jogapsyz 6 gol geçirdiler. 1-nji oýunda Slowakiýadan asgyn gelen Germaniýanyň ýygyndysynyň gollaryny Woltemade (18), Gnabri (29), Sane (36, 41), Baku (67) hem-de Ouedraogo (79) öz atlaryna ýazdyrdylar. Şunlukda, Germaniýanyň ýygyndysy bassyr 19-njy, umumylykda 21-nji gezek Dünýä Kubogyna wekilçilik eder. Germaniýanyň ýygyndysy diňe 1930-njy we 1950-nji ýyldaky çempionatlara gatnaşmandy.

**«B» toparçada** soňky duşuşygynda myhmançylykda Kosowo bilen 1-1 hasabynda deňme-deň oýnan Şweýsariýanyň ýygyndysy bassyr 6-njy, umumylykda 13-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar (1934-38, 1950-54, 1962-66, 1994, 2006-10-14-18-22-26).

### Şotlandiýanyň ýygyndysy 28 ýyldan soň Dünýä Kubogynda

● **«C» toparçada** 6-njy duşuşyklara çenli Daniýanyň ýygyndysy öňde barýardy. Öz meýdançasynda Belarusuň ýygyndysyny ýeňip bilmedik Daniýanyň milli topary soňky duşuşygynda şotlandlaryň myhmany boldy. Çekeleşikli geçen oýunda Şotlandiýanyň ýygyndysy 4-2 hasabynda ýeňiş gazandy. Daniýalylara deňlik hem ýeterlikdi. 81-nji minutda Dorgunyň goly bilen hasaby deňlän skandinawlar 90-njy minutdan soň, Dünýä Kubogynyň petegini elden giderdi. Şotlandlara ýeňiş getiren gollary MakTomineý (3), Şankland (78), Tirni (90+3) hem-de MakLin (90+8) derweze girizdi. Daniýanyň ýygyndysy bolsa pleý-off tapgyryndan ýoluna dowam eder. Netijede, Şotlandiýanyň ýygyndysy 28 ýyldan soň 9-njy gezek (1954-58, 1974-78-82-86-90, 1998, 2026) Dünýä Kubogyna gatnaşar.

### Fransiýanyň ýygyndysy 17-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar

● **«D» toparçada** Fransiýanyň ýygyndysy Parižde Ukrainanyň ýygyndysyny 4-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Fransuzlara ýeňiş getiren gollary Mbappe (55 p, 83), Olise (76) hem-de Ekitike (88) geçirdi. Şunlukda, Fransiýanyň milli ýygyndysy bassyr 8-nji, umumylykda 17-nji gezek Dünýä Kubogynda çykyş etmäge hukuk gazandy (1930, 1934, 1938, 1954, 1958, 1966, 1978, 1982, 1986, 1998, 2002, 2006, 2010, 2014, 2018, 2022, 2026). Fransiýanyň milli ýygyndysy 1998-nji ýyldan bäri yzyny üzmän Dünýä Kubogyna gatnaşyp gelýär we soňky 28 ýylda 2 gezek çempion bolmagy başardy.

### Mbappeniň 400-nji goly

● Duşuşykda 2 gol geçiren Kilian Mbappeniň karýerasynda salan gollarynyň sany 400-e ýetdi. Ol şol gollarynyň 345-sini klublarda, 55-sini bolsa milli ýygyndysynyň düzüminde geçirdi. Mbappeniň 400 gola ýetmegi üçin 535 duşuşyk gerek boldy. Lionel Messi 525, Kristiano Ronaldo bolsa 653 oýunda 400 gola ýetipdi. Şeýle-de, 26 ýaş 11 aýlyk Mbappe 400 gola ýaş babatda Messiden hem-de Ronaldodan çalt ýetmegi başardy. Mbappe futbolyň şasy hasaplanýan, braziliýaly Peleden soň 400 gola ýeten iň ýaş futbolçy boldy.

**«E» toparçada** Ispaniýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Türkiýäniň ýygyndysy bilen 2-2 hasabynda deňme-deň oýnap, ilkinji gollaryny geçirtdi. 16 utuk toplan ispanlar bassyr 13-nji, umumylykda 17-nji gezek futbolyň iň uly ýaryşynda çykyş ederler. 1978-nji ýyldan bäri yzygiderli gatnaşyp gelýän ispanlar ondan öňem 1934-nji, 1950-nji, 1962-nji we 1966-njy ýyllarda çempionata gatnaşypdylar.



**«F» toparçada** Portugaliýanyň ýygyndysy oktýabr aýyndaky oýunlarda Wengriýadan soňky minutlarda gol geçirdipdi we Dünýä Kubogynyň petegi noýabr aýyna galypdy. Myhmançylykda Irlandiýa bilen duşuşan Portugaliýa 2-0 hasabynda asgyn geldi. Irlandlaryň gollarynyň 2-sini hem 17-nji we 45-nji minutlarda Troý Perrot geçirdi. Duşuşygyň 1-nji ýarymynyň ahyrynda Kristiano Ronaldo gyzyl kart alyp, meýdançadan çykaryldy. Bu onuň milli ýygyndydaky ilkinji gyzyl karty hökmünde hasaba alyndy (226 oýun). Toparçadaky beýleki oýunda bolsa Wengriýanyň ýygyndysy myh-



mançylykda Ermenistanyň ýygyndysyndan 1-0 hasabynda üstün çykdy. Toparçalardaky iň soňky duşuşyklar çekeleşikli we dartgynly, şol sanda köp golly geçdi. Portugaliýanyň ýygyndysy Ermenistanyň ýygyndysyny 9-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Ýer eýeleriniň gollarynyň 3-sini Žoao Neweş (30, 41, 81), 3-sini Bruno Fernandeş (45+3 p, 52, 72 p), beýlekileri Weiga (7), Ramuş (28) hem-de Konseýsau (90+2) öz atlaryna ýazdyrdylar. Şunlukda, Portugaliýanyň ýygyndysy bassyr 7-nji, umumylykda 9-njy gezek Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazandy (1966, 1986, 2002, 2006, 2010, 2014, 2018, 2022, 2026).



Wengriýa bilen Irlandiýanyň arasyndaky oýunda ýer eýeleri 2 gezek öňe saýlansa-da, 90-njy minutdan soň gol geçirdip, 3-2 hasabynda ýeňlişe sezewar boldy. Lukaş (3) bilen Warganyň (37) gollaryna Troý Perrot (15 p, 80, 90+6) het-trik bilen jogap berip, ol Irlandiýanyň ýygyndysyny pleý-off tapgyryna çykardy.

**«G» toparçada** Polşa bilen myhmançylykda deňme-deň oýnan Niderlandlaryň ýygyndysy soňky duşuşygynda Litwanyň milli toparyny 4-0 hasabynda ýeňdi. Reindersiň, Gakponyň, Simonsyň hem-de Maleniň gollary bilen ýeňiş gazanan Niderlandlaryň milli topary Polşadan 3 utuk öňe saýlandy we bassyr 2-nji, umumylykda-da 12-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşmaga ygtyýar aldy (1934-38, 1974-78, 1990-94-98, 2006-10-14, 2022-26).

### Soňky gezek 1998-nji ýylda wekilçilik edipdiler

● **«H» toparçada** soňky oýnunda öz meýdançasynda Bosniýa we Gersegowinanyň ýygyndysy bilen 1-1 hasabynda deňme-deň oýnan Awstriýanyň ýygyndysyna bu hasap Dünýä Kubogyna gatnaşmak üçin ýeterlik boldy. Awstriýanyň ýygyndysy edil Şotlandiýadyr Norwegiýanyň ýygyndylary ýaly 26 ýyldan soň Dünýä Kubogyna wekilçilik eder. Bu olaryň 8-nji synanyşygy bolar (1934, 1954, 1958, 1978, 1982, 1990, 1998, 2026).

**«I» toparçada** Norwegiýanyň ýygyndysy taryhy başarnyk görkezdi. Norwegiýanyň ýygyndysy soňky 2 duşuşygynda 4-1-lik hasaplar bilen ýeňiş gazandy. Estoniýany Sörlot hem-de Holannyň hersiniň 2 gol geçirmeginde ýeňen Norwegiýa 8-nji duşuşygyny Milanda Italiýanyň ýygyndysy bilen geçirdi. Moldowany 2-0 hasabynda ýeňen Italiýanyň ýygyndysynyň bu duşuşykda norwegleriň derwezesinden jogapsyz 9 gol geçiren ýagdaýynda toparçada 1-nji orny eýelemäge mümkinçilikleri bardy. Ýöne duşuşyk garaşylmadyk hasap bilen tamamlandy. Espositonyň goly bilen öňe geçen italýanlar 2-nji ýarymda derwezelerinden 4 gol geçirtdi. Gollary Antonio Nusa (63), Erling Holann (77, 79) hem-de Larsen (90+3) öz atlaryna ýazdyrdylar. Şunlukda, Norwegiýanyň ýygyndysy 8 duşuşykda-da ýeňiş gazanyp, taryhy görkezijiler bilen 4-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşmak hukugyna eýe boldy. Olar soňky gezek 1998-nji ýylda, ondan öňem 1994-nji we 1938-nji ýyllarda gatnaşypdylar.

### Italiýanyň ýygyndysy ýene-de...

● Soňky 2 ýaryşyň daşynda galan 4 gezek Dünýäniň çempiony bolan Italiýanyň ýygyndysy bolsa futbolyň iň uly bäsleşigine wekilçilik etmek üçin pleý-off tapgyryna gatnaşar. Jennaro Gattuzonyň ýolbaşçylygynda ilkinji gezek utulan italýanlar onuň tälimçiliginde 5 oýunda yzly-yzyna ýeňiş gazanypdylar. Gattuzo Italiýanyň milli toparynyň taryhynda ilkinji 5 duşuşykda ýeňiş gazanan 3-nji tälimçi bolupdy.

«J» toparçada ilki Gazagystanyň ýygyndysy bilen deňme-deň oýnan Belgiýanyň milli topary öz meýdançasynda Lihtenşteýniň ýygyndysynyň derwezesinden jogapsyz 7 gol geçirdi. Duşuşykda gollaryň 2-sini Doku, 2-sini De Ketelare, beýlekileri-de Wanaken, Mehele hem-de Salemakers derwezä girizdi.

Belgiýanyň milli topary bassyr 4-nji, umumylykda-da 15-nji gezek Dünýä Kubogynda çykyş eder.

**«K» toparçada** Angliýanyň ýygyndysy oktýabr aýyndaky oýunlardan soň Dünýä Kubogyna gatnaşmak hukugyna eýe bolupdy. Galan 2 duşuşykda-da 2-0 hasaplar bilen ýeňiş gazanan Angliýanyň milli topary saýlama tapgyrynda ýeke gol hem geçirtmediler.

**«L» toparçada** çykyş edýän Horwatiýanyň ýygyndysy 7-nji duşuşygynda Farer adalarynyň ýygyndysy bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda horwatlar 3-1 hasabynda ýeňiş gazandy. Myhmanlaryň Turiniň 16-njy minutdaky goly bilen öňe saýlanan duşuşygynda horwatlara ýeňiş getiren pökgüleri Gwardiol (23), Petar Musa (57) hem-de Nikola Wlaşiç (70) geçirdi. Şunlukda, Horwatiýanyň ýygyndysy 7-nji gezek Dünýä Kubogyna wekilçilik eder (1998, 2002, 2006, 2014, 2018, 2022, 2026). Olar Garaşsyzlykdan soň diňe 1 gezek Dünýä Kubogyna (2010) hem-de Ýewropa çempionatyna (2000) gatnaşyp bilmediler.

| Or. | «A» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | GERMANIÝA | 6 | 5 | 0 | 1 | 16–3 | 15 |
| 2 | SLOWAKIÝA | 6 | 4 | 0 | 2 | 6–8 | 12 |
| 3 | D. IRLANDIÝA | 6 | 3 | 0 | 3 | 7–6 | 9 |
| 4 | LÝUKSEMBURG | 6 | 0 | 0 | 6 | 1–13 | 0 |

Lýuksemburg – Germaniýa: 0-2, Slowakiýa – D. Irlandiýa: 1-0; Germaniýa – Slowakiýa: 6-0, D. Irlandiýa – Lýuksemburg: 1-0

| Or. | «B» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ŞWEÝSARIÝA | 6 | 4 | 2 | 0 | 14–2 | 14 |
| 2 | KOSOWO | 6 | 3 | 2 | 1 | 6–5 | 11 |
| 3 | SLOWENIÝA | 6 | 0 | 4 | 2 | 3–8 | 4 |
| 4 | ŞWESIÝA | 6 | 0 | 2 | 4 | 4–12 | 2 |

Şweýsariýa – Şwesiýa: 4-1, Sloweniýa – Kosowo: 0-2; Şwesiýa – Sloweniýa: 1-1, Kosowo – Şweýsariýa: 1-1

| Or. | «C» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ŞOTLANDIÝA | 6 | 4 | 1 | 1 | 13–7 | 13 |
| 2 | DANIÝA | 6 | 3 | 2 | 1 | 16–7 | 11 |
| 3 | GRESIÝA | 6 | 2 | 1 | 3 | 10–12 | 7 |
| 4 | BELARUS | 6 | 0 | 2 | 4 | 4–17 | 2 |

Daniýa – Belarus: 2-2, Gresiýa – Şotlandiýa: 3-2; Şotlandiýa – Daniýa: 4-2, Belarus – Gresiýa: 0-0

| Or. | «D» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | FRANSIÝA | 6 | 5 | 1 | 0 | 16–4 | 16 |
| 2 | UKRAINA | 6 | 3 | 1 | 2 | 10–11 | 10 |
| 3 | ISLANDIÝA | 6 | 2 | 1 | 3 | 13–11 | 7 |
| 4 | AZERBAÝJAN | 6 | 0 | 1 | 5 | 3–16 | 1 |

Azerbaýjan — Islandiýa: 0–2, Fransiýa — Ukraina: 4–0; Azerbaýjan — Fransiýa: 1–3, Ukraina — Islandiýa: 2–0

| Or. | «E» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ISPANIÝA | 6 | 5 | 1 | 0 | 21–2 | 16 |
| 2 | TÜRKIÝE | 6 | 4 | 1 | 1 | 17–12 | 13 |
| 3 | GRUZIÝA | 6 | 1 | 0 | 5 | 7–15 | 3 |
| 4 | BOLGARIÝA | 6 | 1 | 0 | 5 | 3–19 | 3 |

Gruziýa – Ispaniýa: 0-4, Türkiýe – Bolgariýa: 2-0; Ispaniýa – Türkiýe: 2-2, Bolgariýa – Gruziýa: 2-1

| Or. | «F» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PORTUGALIÝA | 6 | 4 | 1 | 1 | 20–7 | 13 |
| 2 | IRLANDIÝA | 6 | 3 | 1 | 2 | 9–7 | 10 |
| 3 | WENGRIÝA | 6 | 2 | 1 | 2 | 11–10 | 8 |
| 4 | ERMENISTAN | 6 | 1 | 0 | 5 | 3–19 | 3 |

Ermenistan—Wengriýa: 0–1, Irlandiýa—Portugaliýa: 2–0; Portugaliýa—Ermenistan: 9–1, Wengriýa—Irlandiýa: 2–3

| Or. | «G» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NIDERLANDLAR | 8 | 6 | 2 | 0 | 27-4 | 20 |
| 2 | POLŞA | 8 | 5 | 2 | 1 | 14-7 | 17 |
| 3 | FINLÝANDIÝA | 8 | 3 | 1 | 4 | 8-14 | 10 |
| 4 | MALTA | 8 | 1 | 2 | 5 | 4-19 | 5 |
| 5 | LITWA | 8 | 0 | 3 | 5 | 6-15 | 3 |

Finlýandiýa – Malta: 0-1, Polşa – Niderlandlar: 1-1; Niderlandlar – Litwa: 4-0, Malta – Polşa: 2-3

| Or. | «H» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | AWSTRIÝA | 8 | 6 | 1 | 1 | 22-4 | 19 |
| 2 | BOSNIÝA | 8 | 5 | 2 | 1 | 17-7 | 17 |
| 3 | RUMYNIÝA | 8 | 4 | 1 | 3 | 19-10 | 13 |
| 4 | KIPR | 8 | 2 | 2 | 4 | 11-11 | 8 |
| 5 | SAN MARINO | 8 | 0 | 0 | 8 | 2-39 | 0 |

Kipr – Awstriýa: 0-2, Bosniýa – Rumyniýa: 3-1; Awstriýa – Bosniýa: 1-1, Rumyniýa – San Marino: 7-1

| Or. | «I» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NORWEGIÝA | 8 | 8 | 0 | 0 | 37-5 | 24 |
| 2 | ITALIÝA | 8 | 6 | 0 | 2 | 21-12 | 18 |
| 3 | YSRAÝYL | 8 | 4 | 0 | 4 | 19-20 | 12 |
| 4 | ESTONIÝA | 8 | 1 | 1 | 6 | 8-21 | 4 |
| 5 | MOLDOWA | 8 | 0 | 1 | 7 | 5-32 | 1 |

Norwegiýa — Estoniýa: 4–1, Moldowa — Italiýa: 0–2; Italiýa—Norwegiýa: 1–4, Ysraýyl — Moldowa: 4–1

| Or. | «J» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BELGIÝA | 8 | 5 | 3 | 0 | 29-7 | 18 |
| 2 | UELS | 8 | 5 | 1 | 2 | 21-11 | 16 |
| 3 | D. MAKEDONIÝA | 8 | 3 | 4 | 1 | 13-10 | 13 |
| 4 | GAZAGYSTAN | 8 | 2 | 2 | 4 | 9-13 | 8 |
| 5 | LIHTENŞTEÝN | 8 | 0 | 0 | 8 | 0-31 | 0 |

Gazagystan – Belgiýa: 1-1, Lihtenşteýn – Uels: 0-1; Uels – D. Makedoniýa: 7-1, Belgiýa – Lihtenşteýn: 7-0

| Or. | «K» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ANGLIÝA | 8 | 8 | 0 | 0 | 22-0 | 24 |
| 2 | ALBANIÝA | 8 | 4 | 2 | 2 | 7-5 | 14 |
| 3 | SERBIÝA | 8 | 4 | 1 | 3 | 9-10 | 13 |
| 4 | LATWIÝA | 8 | 1 | 2 | 5 | 5-15 | 5 |
| 5 | ANDORRA | 8 | 0 | 1 | 7 | 3-16 | 1 |

Angliýa — Serbiýa: 2–0, Andorra — Albaniýa: 0–1; Albaniýa — Angliýa: 0–2, Serbiýa — Latwiýa: 2–1

| Or. | «L» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | HORWATIÝA | 8 | 7 | 1 | 0 | 26-4 | 22 |
| 2 | ÇEHIÝA | 8 | 5 | 1 | 2 | 18-8 | 16 |
| 3 | FARER ADALARY | 8 | 4 | 0 | 4 | 11-9 | 12 |
| 4 | GARADAG | 8 | 3 | 0 | 5 | 8-17 | 9 |
| 5 | GIBRALTAR | 8 | 0 | 0 | 8 | 3-28 | 0 |

Horwatiýa – Farer adalary: 3-1, Gibraltar – Garadag: 1-2; Garadag – Horwatiýa: 2-3, Çehiýa – Gibraltar: 6-0



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# SAHNADA TAPLANAN ZEHIN

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk toýunyň öňüsyrasynda ýurdumyzyň medeniýet, sungat, döredijilik işgärleriniň birnäçesi hormatly Prezidentimiziň Şa serpaýyna mynasyp boldular. Şolaryň arasynda ýurdumyzyň Alp Arslan adyndaky milli drama teatrynyň sahna ussady Döwran Hojageldiýew hem bar. Ýakynda «Watana bolan söýgüsi üçin» diýen medaly bilen sylaglanan eýesi Döwran Hojageldiýew bilen söhbetdeş bolup, onuň durmuş we döredijilik ýoly hakyndaky maglumatlary okyjylar köpçüligine ýetirmegi makul bildik.

**— Döwran halypa, Şa serpaýyňyz gutly bolsun!**

— Sag boluň!

**— Halypa, teatr sungatyna ykbalyňyzy baglamagyňyza sebäp bolan zat näme?**

— Meniň ykbalymy sungat bilen baglamagyma kakam sebäp boldy diýsem ýalňyşmaryn. Sebäbi kakamyň käri zergärçilik bolsa-da, medeniýete, sungata, aýdym-saza bolan söýgüsi örän uly, ol sungatyň janköýeri. Ol meniňem sungat işgäri bolmagymy arzuw edýärdi. Şonuň üçin bolsa gerek, men entek Baýramaly şäherindäki 1-nji orta mekdebiň 3-nji synpynda okap ýörkäm kakam meni şäherimizde ýerleşýän sazçylyk mekdebine ýerleşdirdi. Men ol ýerde baýan hem-de akkordeon saz gurallaryny çalmagy özleşdirip başladym. Men orta mekdep bilen sazçylyk mekdebini utgaşdyryp okaýardym. Sazçylyk mekdebinde maňa Wladimir Tarasow, Aman Pürşiýew dagy saz çalmak ugrundan tälim berdiler. 1997-nji ýylda orta mekdebi tamamlap, men Aşgabadyň Daňatar Öwezow adyndaky ýörite sazçylyk mekdebinde okuwymy dowam etdirdim. Bu ýerde maňa aýdym-saz ugrundan belli pedagoglar Aman Igliýew, Kakajan Ezizow, Liliýa Zarudina, Çary Saparmyradow dagydan tälim almak bagty miýesser etdi. Bu sazçylyk mekdebiniň 3-nji ýylynda okap ýörkäm meni öňki Magtymguly adyndaky opera we balet teatryna işe çagyrdylar we men okuw bilen işi utgaşdyryp alyp gitmeli boldum. 2001-nji ýylda bu teatr işini täze döwrebap teatrda dowam etdirip başladym we ol teatryň ady Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatry diýlip atlandyryldy. Şol wagtky teatryň ýolbaşçysy, Türkmenistanyň at gazanan artisti Kadyr Atabaýew, soň halk artistlige ýetişen Gözel Öwezowa dagynyň teklibi bilen meni täze teatra işe kabul etdiler. Maňa şol ýerde Türkmenistanyň halk artisti Ata Alowow, bagşylar Rejep Ulugow, Mähri Annageldiýewa dagynyň goldamagy netijesinde Ata Alowowyň «Saýatly-Hemra» dessany esasynda sahnalaşdyrylan spektaklda çykyş etmek bagty miýesser etdi. Şondan soň «Etme oglan sen oýun» hem-de «Gel, sen Täze ýyl!» atly sahna oýunlarynda çykyş etdim. 2002-nji ýylda Daňatar Öwezow adyndaky ýörite sazçylyk mekdebini tamamlap «Ýekelikde aýdym aýtmak sungaty boýunça ansamblyň solisti», «Aýdym-saz mugallymy», «Aýdym-saz we horuň artisti» diýen hünärler boýunça diplom alyp, Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynda ýaş hünärmenleriň hataryna goşulyp işläp başladym. Soňra Watan öňündäki gulluk borjumy ýerine ýetirmäge gitdim. Harby gullukdan gelenimden soň mende zehinimi drama teatrynda synap görmek höwesi döredi we şol wagtky Mollanepes adyndaky Türkmen döwlet akademiki drama teatrynda zähmet ýolumy dowam etdirdim.

**— Halypa, çagalyk döwrüňiz nähili geçdi, şol barada hem gürrüň beräýseňiz?**

— Çagalyk döwrümde, esasan, radioda berilýän radio oýunlarda ses bilen keşp janlandyrýan artistler, halk artistler Annamyrat Berdiýewiň, Aman Gurbandurdyýewyň, Berdi Aşyrowyň, Durdy Saparowyň, Ýelizaweta Garaýewanyň, Sabyr Ataýewanyň sesiň üsti bilen keşpleri ynandyryjy edip janlandyryşlary meni özlerine maýyl edip arzuw hyýalyna atarýardy. Men hatda çagalykda çölde goýun bakyp ýörkäm hem şol artistleriň sözlerini gaýtalar ýörerdim. Soňra şol halypalar bilen ýüzbe-ýüz bolup duşuşmak, olaryň çykyş eden sahnalarynda çykyş etmek bagty nesip etdi. Adam çagaka nämäni arzuw etse, şoňa-da ýetýän eken.



**— Döwran aga, siz indi ençeme ýyl bäri teatryň sahnasynda ýaşap keşp janlandyryp gelýärsiňiz, şol keşpleri hem ýatlap geçäýeliň!**

— Mollanepes adyndaky Türkmen döwlet akademiki drama teatrynyň sahnasynda «Giýewleriň bäsleşigi» atly sahna oýnunda Selimjan atly öýlenmegi arzuw edip ýören söwdagär ýigidiň, «Gelinleriň gozgalaňy» atly sahna oýnunda ädikçi Baky ussanyň, «Ilkinji serpaý» sahna oýnunda Sertip atly aşyk ýigidiň, «Ýürek ody» atly sahna oýnunda ýaş ýigit Kuwwadyň, «Lukman» sahna oýnunda aşyk ýigidiň, «Galkynyşyň ak güllerinde» geolog ýigit Döwletgeldi Bakyýewiň keşplerini janlandyrdym. Şu teatrda bir waka boldy. «Giýewleriň bäsleşigi» atly sahna oýnunda Selimjanyň keşbini janlandyrmaly artist işe gelenok, oýnuň başlamagyna-da ýarym sagat wagt galypdy. Ol wagt el telefony hem bolmansoň, oňa jaň edip, nirededigini anyklap hem bolanok. Onsoň spektaklyň režissýory, Türkmenistanyň at gazanan artisti, halypam Aman Kömekow meni ýanyna çagyryp, eger şol artist gelmese, men şol keşbi saňa tabşyrmaly bolýan, spektakly ýatyryp bolmaz diýdi. Menem onuň diýmeli sözlerini bilemok diýsem, Aman aga-da özüm saňa düşündirerin diýip, derrew eşik geýdirdiler. Soňy bilen ol artist gelmedi. Sahna açyldy oýun başlady. Menem edil režissýoryň gysga pursatda düşündiren zatlaryny amala aşyrdym welin, artistler meniň çykyşyma gowy baha berdiler. Aman aga-da monça boldy. Kähalatda teatrda şolar ýaly zatlar hem bolup geçýär. Şonuň üçin artist hemişe taýýarlykly bolmaly.

Bir gün Alp Arslan adyndaky milli drama teatrynyň baş ýolbaşçysy maňa «Men seniň janlandyrýan keşpleriňi görýän, biziň teatrymyza-da seniň ýaly zehinli artist gerek. Sen biziň teatrymyza işe geçäý» diýdi. Men halypanyň haýyşyny hernäçe kyn görsem hem kabul etmeli boldum. Şeýdibem 2019-njy ýylda bu teatra işe bardym. Bu teatryň sahnasynda maňa birnäçe spektakllarda häsiýeti boýunça biri-birine meňzemeýän keşpleriň ençemesini janlandyrmak miýesser etdi. Olardan «Gumly gelin» spektaklynda Gum obasynda ýaşap ýören, maşgalasy ir dünýäden öten Çörli baýyň, «Seýitnazar Seýdi» atly spektaklda baş keşpdäki Seýdiniň, «Bir gijäniň gudraty» atly sahna oýnunda goňşy adamyň, fransuz ýazyjysynyň eseri esasynda sahnalaşdyrylan «Oskar» atly sahna oýnunda baý söwdagär Bertronyň, gyrgyz ýazyjysy Çingiz Aýtmatowyň «Ak gämi» atly sahna eserinde tokaý sakçysy bolup işleýän hyýalbent adam Orazkuluň keşbini janlandyrdym.

Ýaňy-ýakynda bolsa mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk toýunyň öňüsyrasynda teatrymyzyň döredijilik topary Çingiz Aýtmatowyň «Söweşe garşy söweş» atly drama eserini sahnalaşdyrdy. Bu eser Türkmenistanyň at gazanan artisti, teatrymyzyň baş ýolbaşçysy Handurdy Berdiýewiň yhlasy bilen sahnalaşdyryldy. Bu sahna oýnunda halypam maňa uruşdan ýaralanyp gelen, kolhoz başlygy bolup zähmet çekýän Myrzakul atly orta ýaşlaryndaky adamyň keşbini tabşyrdy. Myrzakul uruşdan bir elini aldyryp gelýär. Şonuň üçin bir eliň bilen çykyş etmeli, bu ýagdaý bolsa artistden çydamlylygy we yhlas etmegi talap edýär.

Şu ýyl teatrymyzyň döredijilik topary Gadam Kakabaýewiň edebi eseri esasynda «Magnitofon» atly gülküli sahna oýnuny sahnalaşdyrdy. Bu sahna oýnunda öýlenýän oglanyň kakasynyň keşbini janlandyrmagy halypam Handurdy Berdiýew maňa tabşyrdy. Onuň ogly dargursak hem ynanjaň ýigit, ol öýlenen gijesi kakasyna hem obadaşlaryna güzap baryny berýär.

Şu ýerde Arkadag şäherindäki Aman Gulmämmedow adyndaky drama teatrynda taýýarlanyp ilkinji gezek halk köpçüligine ýetirilen ýazyjy Nurmyrat Saryhanowyň edebi eseri esasynda sahnalaşdyrylan «Kitap» atly sahna oýnunda žurnalistiň keşbini janlandyrmagyň meniň paýyma düşendigini hem ýatlap geçesim gelýär. Žurnalist akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň gyzyldan gymmatly goşgulary ýerleşdirilen kitabyň gözleginde bolup, ahyrynda kitabyň eýesi bilen duşuşýar.

**— Döwran halypa, siz gülküli sahnalarda çykyş etmegi gowy görýäňizmi ýa-da gussaly sahnalarda çykyş etmegi?**

— Aslynda, artist bu babatda hemmetaraplaýyn bolsa gowy. Şu meselede halypam, Türkmenistanyň at gazanan artisti Berdi Aşyrow maňa «Sen diňe gülküli keşbe ýa-da gam-gussaly keşbe ýykgyn etmegin. Eger gülküli keşbe ýykgyn edip, birdenem gussaly keşbi janlandyrmaly bolsaň, onda özüň-ä bir kyn düşer, tomaşaça-da ýalan ýaly bolar» diýip öwredipdi. Şonuň üçin men-ä şol keşpleriň ikisinem ugrukdyryp alyp gitmegi oňat görýän. Ýöne pýesanyň gabat gelmegine-de bagly bolup durýar.







**— Sizi halk köpçüligi kinofilmler arkaly hem tanaýarlar. Söhbetdeşligimiziň şu ýerinde kino sungatyna girişmegiňiz barada hem aýdaýsaňyz?**

— 2001-nji ýylda Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynda işläp ýörkäm Türkmenistanyň halk artisti, kinorežissýor Halmämmet Kakabaýew meniň sahnada keşp janlandyryşymy görüp, spektakl tamamlanandan soň meni ýanyna çagyryp özüniň «Derwüşleriň düňňürdüsi» atly täze filmi surata düşürip başlandygyny aýtdy hem-de meni filme surata düşmäge çagyrdy. Men hem garşy bolmadym. Şonda Halmämmet halypa kinoda keşp janlandyrmagyň usullaryny hem maňa öwredip, gaty köp ýardamlaryny berdi. Şeýdibem maňa kino sungatynyň hem gapysy açyldy. Şondan soň kinorežissýor Myrat Orazow Beýik Watançylyk urşy ýyllarynyň wakalary hakynda gürrüň berýän «Watan ogly» atly doly göwrümli filminde ýaş esgeriň keşbini janlandyrmagy ynanypdy. «Törebeg hanym» filminde weziriň oglunyň, «Nejep oglan» filminde bolsa weziriň keşbini hem janlandyrdym.

**— Halypa, sahnada keşp janlandyrmak bilen kinoda keşp janlandyrmagyň nähili tapawudy bar?**

— Sahnada keşp janlandyranyňda goýberen säwlikleriň bolsa, ýagny sözüňdäki ýa-da ýüz hereketiňdäki ýalňyşlyklaryňy indiki çykyşyňda düzedip bolýar. Emma kinoda başgaça, kinorežissýor seni filme surata düşüreninden soň hemme zat ýerbe-ýer hem gowy ýaly bolsa-da, şol film ekrana çykanyndan soň «Wah, şol ýerde şeýtsem gowy boljak ekeni» diýseňem eýýäm ony ikinji gezek surata düşürip bolmaýar.

**— Pursatdan peýdalanyp, özüňize ýardam beren hem-de bile işleşen halypa artistleriňizi hem ýatlap geçäýseňiz?**

— Men, esasan, Türkmenistanyň halk artistleri Kakajan Aşyrowa, Halmämmet Kakabaýewe, Nury Allaberdiýewe, Aman Gurbandurdyýewe, Ýelizaweta Garaýewa, Ata Alowowa, Muhammetguly Kasymowa, Türkmenistanyň at gazanan artistleri Aman Kömekowa, Berdi Aşyrowa maňa beren kömek-goldawlary, maslahatlary üçin minnetdardyryn. Bu halypalaryň hemmesi hem biz üçin ullakan bir sungat mekdebi. Şolardan alan sapaklarym häli-häzirlerem maňa tejribe toplamakda mekdep bolup dur.

**— Halypa, siziň maşgala ýagdaýyňyz hem okyjylarymyzy gyzyklandyrýan bolsa gerek. Maşgalaňyzda siziň käriňizi ýöretjek barmy?**

— Maşgalam barada aýtsam, ýanýoldaşym lukman bolup zähmet çekýär. Gyzym 12-nji, oglum bolsa 8-nji synpda okaýar. Olar enteg-ä sungat ugrundan gitjek diýip aýdanoklar. Galanyny hem wagt görkezer-dä.

Ýurdumyzda medeniýet, sungat işgärlerine uly sarpa goýulýar. 2011-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşiginiň ýeňijisi boldum, 2024-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk toýy mynasybetli, Magtymguly Pyragy nyşany bilen, 2025-nji ýylda «Watana bolan söýgüsi üçin» diýen medal bilen sylaglandym. Pursatdan peýdalanyp, medeniýet, sungat, döredijilik işgärlerine döredip berýän mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza çäksiz minnetdarlygymyzy bildirýäris. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun, alyp barýan il bähbitli, ýurt ähmiýetli tutumly işleri rowaçlyklara beslensin.

**— Döwran halypa, beren täsirli gürrüňleriňiz üçin sag boluň, size döredijilik üstünliklerini arzuw edýäris.**

*Söhbetdeş bolan*
**Döwletmyrat HOJABERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň magistranty.*

## Iki halypa 30-njy gezek bir filmde bilelikde işleşer

Kino sungatynyň öňdebaryjy režissýorlarynyň hatarynda görkezilýän oskarly Stiwen Spilberg täze filminiň sazlaryny ýene bir gezek 93 ýaşyndaky kompozitor Jon Williamsa ynandy. Ylmy-fantastik görnüşde boljak film Spilberg bilen Williamsyň bilelikdäki 30-njy kinosy bolar. «Indiana Jons we ýazgyt öwrümi» (Indiana Jones and the Dial of Destiny) filminden soň pensiýa çykandygyny mälim eden Jon Williams özüniň köne dostunyň haýyşyny ýerde goýmady. Jon Williams bilen Stiwen Spilbergiň arasyndaky şärikdeşlik 1974-nji ýyldaky «The Sugarland Express» filmi bilen başlap, tanymal kompozitor ussat režissýoryň «Akulalar» (Jaws), «Başga planetadan gelen» (E.T. the Extra-Terrestrial), «Ýura eýýamynyň seýilgähi» (Jurassic Park), «Hatarçy Raýany halas etmek» (Saving Private Ryan) ýaly nusgawy filmleriniň sazlaryny ýazypdy.



Jon Williams 54 gezek Oskara dalaşgär görkezilip, ol bu ugurda Wolt Disneýden soň ikinji şahsyýetdir. 5 gezek Oskar gazanan Jon Williamsyň 26 «Grammy», 7 BAFTA, 3 «Emmy», 4 «Altyn Globus» baýragy bar.



Jon Williams başga bir meşhur režissýor Jorj Lukasyň hem ençeme kinosynyň, esasan-da, «Ýyldyz söweşleri» (Star Wars) filmleriniň sazlarynyň awtorydyr.

«Universal Pictures» kompaniýasynyň önümçiligindäki filmiň ady entek belli bolman, onuň edebi esasyny režissýor bilen ozalam işleşen meşhur ssenariçi Dewid Koepp ýazar. Filmde Emili Blant, Joş O'Konnor, Kolman Domingo, Kolin Fört, Iw Hewson, Wýatt Rassell ýaly artistler dürli keşpleri ýerine ýetirer. Häzirki wagtda filmiň surata düşüriliş işleri doly tamamlanyp, onuň «post-production» işleri dowam edýär. Köpleriň sabyrsyzlyk bilen garaşýan ekran eseri 2026-njy ýylyň 12-nji iýunynda kinoteatrlarda görkeziler.

## TÄZE FILM




## OSKARLY ANIMASIÝA GARA PIŞIK ALÝANLARYŇ SANYNY KÖPELTDI

**Ady:** «Häzir meni görersiň: indi görmersiň» (Now You See Me: Now You Don't); **Režissýory:** Ruben Fleişer; **Keşplerde:** Jesse Aýzenberg, Wudi Harrelson, Deýw Franko, Aýla Fişer, Jastis Smit, Dominik Sessa, Ariana Grinblatt, Lizzi Kaplan, Rozamund Paýk, Morgan Friman; **Ssenariçi:** Maýkl Lessli, Pol Wernik, Rett Rise, Set Grame-Smit; **Prodýuseri:** Bobbi Koen, Aleks Kurtzman, Roberto Orsi; **Öndüriji:** «Summit Entertainment», «Cohen Pictures»; **Paýlaýjy:** «Lionsgate»; **Dowamlylygy:** 112 minut; **Görnüşi:** kraým, drama; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe.

● Ilkinjisi 2013-nji ýylda surata düşürilen «Häzir meni görersiň» filminiň 3-njisi geçen hepdäniň ahyrynda ekranlara çykaryldy. Bu gezek filmiň režissýory üýtgäp, ony Ruben Fleişer surata düşürdi. Ol «Zombilend», «Gangsterler topary», «Wenom» ýaly kinolar bilen meşhurlyk gazanypdy. Filmde ýene-de Jesse Aýzenberg, Wudi Harrelson, Deýw Franko, Aýla Fişer, Morgan Friman, Lizzi Kaplan ýaly belli artistler ozalky keşplerini janlandyrýarlar. «Lionsgate» studiýasynyň önümi bolan filmiň býujeti 90 million amerikan dollaryna deň bolup, ol ilkinji 3 günde şol çykdajynyň 75 millionyny yzyna gaýtaryp aldy. Filmde 1-nji filmden 12 ýyl soň bolup geçen wakalar dogrusynda gürrüň berilýär.

Ýeri gelende bellesek, 1-nji film 352, 2016-njy ýylda ekranlara çykan 2-nji kino 335 million amerikan dollary möçberinde kassa ýygymyny gazanypdy.

## Jeýson Stetham 6-njy gezek Gaý Ritçiniň filminde surata düşer



Iňlis kino sungatynyň özboluşly režissýory Gaý Ritçi bilen meşhur iňlis aktýory Jeýson Stetham 6-njy gezek bir filmde bilelikde işleşer. «Viva La Madness» atly täze filmiň surata düşüriliş işlerine geljek ýylyň ilkinji aýynda badalga berler. J.J.Konnelliniň adybir romany esasynda surata düşüriljek filmiň ssenarisi, şol sanda prodýuserligi hem režissýoryň özüne degişli bolar. Filmdäki wakalar Londonda bolup geçýär.

Aslynda, Ritçi bilen Stetham bu taslamany 2013-nji ýyldan bäri durmuşa geçirmegi maksat edinýär eken.

Ritçi bilen Stethamyň şärikdeşligi 1998-nji ýyldaky «Lock, Stock and Two Smoking Barrels» filmi bilen başlap, tanymal aktýor ussat režissýoryň «Snatch» (2000), «Revolver» (2005), «Wrath of Man» (2021) hem-de «Operation Fortune: Ruse de Guerre» (2023) filmlerinde baş keşpleri janlandyrypdy.

Gazetiň kagyz nusgasyna nähili ýazylyp bolar?
«Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutmak arkaly abuna ýazylyp bilersiňiz.

Gazetiň elektron nusgasyna nähili ýazylyp bolar?
ABONENT BOL
zamanturkmenistan.com.tm saýtynyň ýokarsyndaky ABONENT BOL düwmesine basmak arkaly.

Gazetiň hepdelik PDF nusgasyny nädip alyp bolar?
PDF
zamanturkmenistan.com.tm saýtyndaky ZAMAN TÜRKMENISTAN PDF düwmesine ýa-da turkmenmetbugat.gov.tm saýtynda «Pudak gazet-žurnallary» bukjasyny saýlap Abuna ýazyl düwmesine basmak arkaly.

Gazetiň mobil goşundysyny nähili ýükläp alyp bolar?
Android we iOS smartfonlarynda Google Play hem-de App store elektron dükanyndan zamanturkmenistan mobil goşundyny ýükläp, habarlar bilen dessine tanşyp bilersiňiz.

ZAMAN TÜRKMENISTAN INTERNATIONAL MEDIA
international media
Abuna – 2026
«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2026-njy ýylyň I ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär.
Täzelikleri täzeligine okaň!



## «Mumyýa» filmi täzeden ekranlaşdyrylar



«Universal» studiýasy meşhur «Mumyýa» filmini ýene bir gezek ekranlaşdyrmakçy bolýar. Ilkinji gezek 1932-nji ýylda ekranlaşdyrylan «Mumyýa» filminiň täze nusgasyna özlerine «Radio Silence» diýip at goýan Mett Bettinelli-Olpin bilen Taýler Jillet režissýorlyk eder. 1999-njy ýylda uly meşhurlyk gazanan «Mumyýa» filminde baş keşplerde Brendan Freýzer bilen Raçel Weis surata düşüpdi. 2017-nji ýyldaky nusgasynda baş keşbi Tom Kruz janlandyrsa-da, ekran eseri prokatdan pes netije alypdy. Täze filmde şol 1999-njy ýyldaky kinonyň ýyldyzlary, oskarly artistler – aktýor Brendan Freýzer bilen aktrisa Raçel Weisiň surata düşmegine garaşylýar. Häzirki wagtda artistleriň ikisi bilenem gepleşikler geçirilýär. Filmiň haçan surata düşürilip başlanjakdygy we onuň haçan ekranlara goýberiljekdigi häzirlikçe belli däl.